Türkmenistanyň
Adalat ministrligi tarapyndan
2011-nji ýylyň 19-njy sentýabrynda
600 san bilen bellige alyndy

Türkmenistanyň
Maliýe ministriniň
2011-nji ýylyň 19-njy awgustyndaky
82 belgili buýrugy bilen tassyklandy

# Ilkinji hasaba alyş resminamalaryň görnüşlerini ulanmak boýunça Gollanma

## Umumy düzgünler

Şu Gollanma "Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy hakynda" Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda, şeýle hem kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan, hojalyk amallarynyň ilkinji hasaba alyş düzgünlerinden we tejribesinden ugur alnyp, eýeçiliginiň görnüşine garamazdan ähli kärhanalar, edaralar we guramalar üçin ilkinji hasaba alyş resminamalaryň görnüşlerini ulanmaklygy düzgünleşdirýär.

## Tükelleýiş boýunça

### T-1 görnüş Esasy serişdeleriň tükelleýiş ýazgysy

Esasy serişdeleriň (jaýlaryň, desgalaryň, geçiriji gurallaryň, maşynlaryň we enjamlaryň, ulag serişdeleriniň, gurallaryň, hasaplaýyş tehnikasynyň, önümçilik we hojalyk abzallarynyň we ş.m.) tükelleýiş ýazgysynyň maglumatlaryny resmileşdirmek üçin ulanylýar. Tükelleýiş ýazgysy iki nusgada düzülýär we oňa toparyň jogapkär şahslary gymmatlyklaryň saklanýan her bir ýeri boýunça aýratynlykda hem-de esasy serişdeleri saklamaga jogapkär şahs gol çekýärler. Bir nusga deňeşdiriş sanawnamasyny düzmek üçin buhgalteriýa tabşyrylýar, ikinjisi bolsa maddy jogapkär şahsda galýar.

Tükelleýiş ýazgysy başlanmazyndan ozal gymmatlyklary saklamaga jogap berýän her bir şahsdan ýa-da şahslar toparyndan dil haty alynýar. Dil haty görnüşiň at bölegine goşulandyr.

T-1 görnüş boýunça tükelleýiş ýazgysy görnüşiň 2-nji sahypasynyň nusgasy boýunça içlik tagtalary bilen bile çap edilýär, olaryň sany resminamany sargyt ediji tarapyndan kesgitlenýär.

Tükelleýiş ýazgysynyň netijeleriniň hasaba alnyşy boýunça maglumatlar awtomatlaşdyrylyp işlenende T-1 görnüş topara kagyz göterijisinde, şonuň ýalyda elektron göterijisinde maglumat toplaýjylary görnüşinde onuň 1-6 sütünleri doldurylyp berilýär.

Toparyň jogapkär işgäri ýazgynyň hakyky bar bolan zatlar baradaky 7-nji sütünini dolduryar. Hasaba alynmadyk serişdeler hem-de olary häsiýetlendirýän maglumatlary bolmadyk serişdeler ýüze çykarylanda toparyň jogapkär şahsy şol serişdeler boýunça ýetmeýän maglumatlary we tehniki görkezijileri barlag ýazgysyna goşmalydyr. Tükelleýiş toparynyň karary bilen ol serişdeler girdeji edilmelidir. Şu ýagdaýda olaryň ilki başdaky gymmaty bazar bahalaryndan ugur alnyp kesgitlenýär, könelme gymmaty bolsa tehniki ýagdaýyna görä kesgitlenýär. Şular barada degişli delilnamalar düzmek hökmandyr.

Ýazgylar esasy serişdeleriň toparlary boýunça (önümçilik we önümçilik däl maksatly) aýratyn düzülýär.

"Pasport belgisi" diýen 8-nji sütünde diňe düzüminde gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar bar bolan esasy serişdeleriň pasport ýa-da bellige alyş resminamanyň belgisi goýulýar.

Kärendesine alnan esasy serişdelere ýazgy her bir kärendä beriji boýunça aýratynlykda kärende möhletini görkezmek bilen üç nusgada düzülýär. Tükelleýiş sanawynyň bir nusgasy kärendä berijä iberilýär.

## T-2 görnüş Maddy däl aktiwleriň tükelleýiş ýazgysy

Maddy däl aktiwleriň tükelleýiş ýazgysynyň maglumatlaryny (guramanyň maddy däl aktiwleri ulanmaklyga hukugynyň bardygy, olaryň balansda dogry we öz wagtynda görkezilişi) resmileşdirmek üçin ulanylýar. Tükelleýiş ýazgysy iki nusgada düzülýär we oňa maddy däl aktiwler üçin çykdajy we girdeji resminamalaryň ählisi boýunça toparyň jogapkär agzalary we saklamaga jogapkär şahs gol çekýärler. Bir nusga deňeşdiriş sanawnamasyny düzmek üçin buhgalteriýa tabşyrylýar, ikinjisi bolsa maddy jogapkär şahsda galýar.

Tükelleýiş başlanmazyndan ozal gymmatlyklary saklamaga jogap berýän her bir şahsdan ýa-da şahslar toparyndan dil haty alynýar. Dil haty görnüşiň at bölegine goşulandyr.

T-2 görnüş boýunça tükelleýiş ýazgysy görnüşiň 2-nji sahypasynyň nusgasy boýunça içlik tagtalary bilen bile çap edilýär, olaryň sany resminamany sargyt ediji tarapyndan kesgitlenýär.

Tükelleýiş ýazgysynyň netijeleriniň hasaba alnyşy boýunça maglumatlar awtomatlaşdyrylyp işlenende T-2 görnüş topara kagyz göterijisinde, şonuň ýalyda elektron göterijisinde berilýär.

## T-3 görnüş Tükelleýiş ýarlygy

Tükelleýiş ýarlygy ätiýaçlyklaryň saklanýan ýerleri boýunça (ätiýaçlyklaryň atlary, tekje hatarynyň belgisi, tekjäniň belgisi, öýjügiň belgisi, markasy, sorty daş görnüşi, möçberi, çyzgy belgisi, ölçeg birligi, nagt barynyň

mukdary) tükelleýiş toparynyň agzasynyň gatnaşmagynda saklamaga jogapkär tarapyndan düzülip, saklamak jogapkärçiligine kabul edilýär. Tükelleýiş ýarlygy ätiýaçlyklaryň saklanýan ýerlerinde ýelmenip goýulýar. Bu resminamanyň esasynda hakyky bar bolan ätiýaçlyklar aýratynlykda ätiýaçlyklaryň tükelleýiş sanawyna (T-4 görnüş) geçirilýär.

## T-4 görnüş Ätiýaçlyklaryň tükelleýiş sanawy

Ätiýaçlyklary (önümçilik gorlary, taýýar önümler, harytlar, gaýry gorlar we beýlekiler) saklanýan ýerlerde hakyky nagt barynyň we olaryň guramadaky tapgyrma-tapgyr hemme hereketleriň maglumatlaryny görkezmek üçin ulanylýar. Tükelleýiş sanawy iki nusgada düzülýär we ätiýaçlyklary atlary boýunça aýratynlykda, sanaw belgisi, görnüşini, toparyny, artikulyny, hilini we mukdaryny görkezmek bilen ýerleşýän ýeri we saklamak jogapkärçiliginde gymmatlyklar bar bolan maddy jogapkär şahs ýa-da şahslar topary boýunça sanamak, çekmek, ölçemek esasynda toparyň jogapkär işgärleri tarapyndan gol çekilýär.

Bir nusgasy deňeşdiriş sanawnamasyny düzmek üçin buhgalteriýa berilýär, ikinjisi - maddy jogapkär şahs(lar)da galýar.

Tükelleýiş sanawy başlanmazyndan ozal her bir maddy jogapkär şahsdan ýa-da şahslar toparyndan görnüşiň at bölegine goşulan dil haty alynýar.

Tükelleýiş sanawynda ýüze çykarylan ýaramsyz ýa-da zaýalanan maddy gymmatlyklara we taýýar önümlere degişli delilnamalar düzülýär.

Tükelleýiş sanawynyň netijeleriniň hasaba alnyşy boýunça maglumatlar awtomatlaşdyrylyp işlenende, T-4 görnüş kagyz göterijisinde, şonuň ýalyda elektron göterijisinde maglumat saklaýjylary görnüşinde onuň 1-9 sütünleri doldurylyp topara berilýär. Toparyň jogapkär işgärleri ýazgydaky hakyky bar bolan ätiýaçlyklaryň mukdary baradaky 10-njy sütüni doldurýarlar. 9-njy sütünde dine düzüminde gymmat bahaly metallar we daşlar bar bolan maddy gymmatlyklaryň pasport belgisi goýulýar.

Hasaba alynmadyk ätiýaçlyklar ýüze çykarylanda, topar olary tükelleýiş sanawyna goşmalydyr.

## T-5 görnüş Ýüklenen ätiýaçlyklaryň tükelleýiş delilnamasy

Ýüklenen ätiýaçlyklaryň gymmatynyň tükelleýişini resmileşdirmekde ulanylýar. Ýüklenen, ýöne töleg möhleti entek gelmedik ätiýaçlyklary we ýüklenen, emma alyjylar tarapyndan wagtynda tölenmedik ätiýaçlyklara aýratyn ýazgylar düzülýär. Ýüklenen, emma alyjylaryň wagtynda tölemedik ätiýaçlyklaryna olaryň her bir aýratyn ýükleneni boýunça alyjynyň ady getirilýär. Ýazgy tükelleýiş toparynyň jogapkär şahslary tarapyndan iki nusgada düzülýär, olaryň goly çekilýär we bir nusgasy buhgalteriýa berilýär. Ikinji nusga maddy jogapkär şahs(lar)da galýar.

Ýüklenen ätiýaçlyklara eýeçilik etmek hukugynyň aýratyn düzgünde geçen ýagdaýynda ("ýüklenen harytlar" diýen balans hasaby ulanylanda) 10-njy sütüni

doldurmak üçin maglumatlar, gaýtadan, şertnama, kontrakt bahalary boýunça hasaplanýar.

## T-6 görnüş Saklamak jogapkärçiligine kabul edilen ätiýaçlyklaryň tükelleýiş sanawy

Saklamak jogapkärçiligine kabul edilen ätiýaçlyklara tükelleýiş sanawy geçirilende ulanylýar. Ýazgy tükelleýiş sanaw toparynyň jogapkär şahslary tarapyndan hakyky maglumatlar esasynda iki nusgada doldurylýar, toparyň jogapkär şahslary we maddy jogapkär işgärler gol çekýärler.

Ýazgynyň bir nusgasy buhgalteriýa berilýär, ikinjisi - madd y jogapkär işgär(ler)-de galýar.

Tükelleýiş sanawy başlanmazyndan ozal saklamaga kabul edilen ätiýaçlyklaryň abatlygyna jogap berýän her bir maddy jogapkär şahsdan ýa-da şahslar toparyndan dil haty alynýar. Dil haty görnüşiň at bölegine goşulýandyr.

Saklamak jogapkärçiligine kabul edilen ätiýaçlyklaryň tükelleýiş sanawy geçirilende maglumatlar ýazga sanaw toparynyň jogapkär işgärleri tarapyndan barlaglar we ýekeme-ýeke sanamak esasynda ýazylýar.

## T-7 görnüş Ýoldaky ätiýaçlyklaryň tükelleýiş delilnamasy

Tükelleýiş geçirilýän pursatda ýolda bolan ätiýaçlyklaryň mykdaryny we gymmatyny kesgitlemek üçin ulanylýar. Ýazgy tükelleýiş toparynyň jogapkär şahslary tarapyndan ätiýaçlyklaryň ýoldadyklaryny tassyklaýan resminamalar esasynda iki nusgada düzülýär, gol çekilýär we bir nusgasy buhgalteriýa berilýär, ikinjisi bolsa - toparda galýar.

Ýüklenen, saklamak jogapkärçiligine kabul edilen we ýolda bolan maddy gymmatlyklaryň tükelleýiş sanawynyň netijeleriniň hasaby boýunça maglumatlar awtomatlaşdyrylyp işlenende T-5, T-6, T-7 görnüşler hasaplaýyş tehniki serişdeler tarapyndan kagyz göterijisinde, şonuň ýalyda elektron göterijisinde maglumat saklaýjylar (disketler) şekilinde düzülýärler.

## T-8 görnüş Gymmat bahaly metallaryň we olaryň önümleriniň tükelleýiş delilnamasy
## T-10 görnüş Gymmat bahaly daşlaryň, tebigi almazlaryň we olaryň önümleriniň tükelleýiş delilnamasy

Hemme saklanýan ýerlerdäki we gös-göni önümçilikdäki gymmat bahaly metallaryň, gymmat bahaly daşlaryň, tebigi almazlaryň we olaryň önümleriniň tükelleýişi geçirilende ulanylýar.

Delilnamalar tükelleýiş toparynyň jogapkär şahslary tarapyndan iki nusgada düzülýär, toparyň jogapkär şahslary we maddy jogapkär işgärler gol çekýärler. Bir nusgasy deňeşdiriş sanawnamasyny düzmek üçin buhgalteriýa berilýär, ikinjisi bolsa - maddy jogapkär şahs(lar)da galýar.

Tükelleýiş başlanmazyndan ozal her bir maddy jogapkär şahsdan dil haty

alynýar. Dil haty T-8, T-10 görnüşleriň at bölegine goşulandyr.

Maddy jogapkär şahsyň çalşan ýagdaýynda delilnamalar üç nusgada düzülýär (nusgalar – gymmatlyklary tabşyran maddy jogapkär şahsa, gymmatlyklary kabul eden maddy jogapkär şahsa we buhgalteriýa berilýär).

Gymmat bahaly metallaryň, gymmat bahaly daşlaryň we tebigi almazlaryň önümleriniň we ýarym taýýar önümleriniň sanawy we olary 2-nji sütünde ýerleşdirmegiň tertibi olaryň guramada bar bolan assortimentine laýyklykda kesgitlenýär.

Gymmat bahaly metallardan we gymmat bahaly daşlardan durýan önümleriň tükelleýiş sanawy geçirilende gymmat bahaly metallar baradaky maglumatlar T-8 görnüşe, gymmat bahaly daşlar baradaky maglumatlar bolsa - T-10 görnüşe ýazylýar.

## T-9 görnüş Böleklerde, gurnama birliklerinde, enjamlarda, gurallarda, abzallarda we beýleki önümlerde bar bolan gymmat bahaly metallaryň tükelleýiş ýazgysy

Böleklerde, gurnama birliklerinde, enjamlarda, gurallarda, abzallarda we beýleki önümlerde bar bolan gymmat bahaly metallaryň tükelleýiş ýazgysy geçirilende ulanylýar. Maglumatlar arassa agramyna hasaplanyp getirilýär.

Ýazgy tükelleýiş toparynyň jogapkär şahslary tarapyndan iki nusgada her bir obýekt birligi boýunça bütin gurama düzülýär, toparyň jogapkär işgärleriniň we maddy jogapkär şahs(lar)yň goly çekilýär. Ýazgynyň bir nusgasy buhgalteriýa berilýär, ikinjisi bolsa - maddy jogapkär şahs(lar)da galýar. Ýazgynyň maglumatlary statistiki hasabat düzülende ulanylyp bilner.

Tükelleýiş ýazgysysnyň maglumatlary awtomatlaşdyrylyp işlenende T-8, T-9, T-10 görnüşler topara kagyz göterijisinde, şonuň ýalyda elektron göterijisinde maglumat toplaýjylary görnüşinde olaryň aşakdaky sütünleri doldurylyp berilýär:

T-8 görnüşde - 1-5 sütünler;

T-9 görnüşde - 1-9 sütünler;

T-10 görnüşde - 1-8 sütünler.

Toparyň jogapkär işgärleri hökmany suratda çekmek we sanamak arkaly gymmat bahaly metallaryň, gymmat bahaly daşlaryň, tebigi almazlaryň we olaryň önümleriniň hakyky nagt baryny kesgitleýärler we T-8 görnüşiň 6-11 sütünlerini, T-10 görnüşiň 9-12 sütünlerini we T-9 görnüşiň 10-15 sütünlerini doldurýarlar.

## T-11 görnüş Esasy serişdeleriň gutarylmadyk bejerilişiniň tükelleýiş delilnamasy

Resminama tükelleýiş geçirilýän pursatda esasy serişdeleriň gutarylmadyk bejerilişiniň mukdaryny we gymmatyny kesgitlemek üçin ulanylýar.

Resminama tükelleýişiň netijeleri boýunça esasy serişdeleriň

gutarylmadyk bejerilişiniň ýagdaýyny tassyklaýan resminamalar esasynda iki nusgada düzülen delilnama bilen resmileşdiriliýär we oňa toparyň ähli agzalary we gymmatlyklary saklamaklyga jogapkär şahslar gol çekýär, onuň bir nusgasy buhgalteriýa berilýär, ikinjisi bolsa - maddy jogapkär şahsda galýar.

Esasy serişdeleriň gutarylmadyk bejerilişini tükellemegiň netijelerini hasaba almak boýunça maglumatlar awtomatlaşdyrylyp işlenende T-11 görnüş hasaplaýyş tehniki serişdeler tarapyndan kagyz göterijisinde, şonuň ýalyda elektron göterijisinde maglumat saklaýjylar (disketler) şekilinde berilýär.

## T-12 görnüş Geljek döwürleriň çykdajylarynyň tükelleýiş delilnamasy

Resminama geljek döwürleriň çykdajylary bilen bagly bolan görkezijileri takyklamak üçin ulanylýar.

Resminama tükelleýişiň netijeleri boýunça geljek döwürleriň çykdajylarynyň hasapdan öçürilişiniň ýagdaýyny tassyklaýan resminamalar esasynda iki nusgada düzülen delilnama bilen resmileşdiriliýär we oňa toparyň ähli agzalary we gymmatlyklary saklamaklyga jogapkär şahslar gol çekýär, onuň bir nusgasy buhgalteriýa berilýär, ikinjisi bolsa - maddy jogapkär şahsda galýar.

Geljek döwürleriň çykdajylaryny tükellemegiň netijelerini hasaba almak boýunça maglumatlar awtomatlaşdyrylyp işlenende T-12 görnüş hasaplaýyş tehniki serişdeler tarapyndan kagyz göterijisinde, şonuň ýalyda elektron göterijisinde maglumat saklaýjylar (disketler) şekilinde berilýär.

## T-13 görnüş Nagt pul serişdeleriniň tükelleýiş delilnamasy

Kärhananyň kassasynda hakyky nagt bar bolan pul serişdeleriniň, her hili gymmatlyklaryň we resminamalaryň (nagt pullaryň, markalaryň, çekleriň (çek depderçeleriniň we beýlekileriň) tükelleýiş netijelerini görkezmek üçin ulanylýar.

Nagt pul serişdeleriniň, her hili gymmatlyklaryň we resminamalaryň tükelleýişi kärhananyň ýolbaşçysynyň buýrugy bilen döredilen topar tarapyndan geçirilýär. Topar buhgalter hasabynyň maglumatlarynyň dogrylygyny we kassadaky pul serişdeleriniň, her hili gymmatlyklaryň we resminamalaryň hakyky nagt baryny, olary doly sanamak arkaly barlaýar.

Tükelleýiş netijeleri delilnama görnüşinde iki nusgada resmileşdirilýär we olara toparyň hemme agzalarynyň we gymmatlyklary saklamaga jogapkär şahslaryň gollary çekilýär hem-de maglumat hökmünde kärhananyň ýolbaşçysyna ýetirilýär. Delilnamanyň bir nusgasy kärhananyň buhgalteriýasyna berilýär, ikinjisi - maddy jogapkär şahsda galdyrylýar.

Maddy jogapkär şahsyň çalşan ýagdaýynda üç nusgada düzülýär. Bir nusgasy gymmatlyklary tabşyran maddy jogapkär şahsa, ikinjisi - gymmatlyklary kabul eden maddy-jogapkär şahsa we üçünjisi - buhgalteriýa berilýär.

Tükelleýiş döwründe pul serişdelerini, her hili gymmatlyklary we resminamalary kabul etmek we göýbermek boýunça hiç hili amallar geçirilmeýär.

Tükelleýiş toparynyň düzüminiň doly däl ýagdaýlarynda tükelleýiş geçirmäge ygtyýar berilmeýär. Düzedişlere toparyň agzalary we maddy jogapkär şahs tarapyndan düşündiriş berilýär we gol çekilýär.

## T-14 görnüş Gymmatly kagyzlaryň we berk hasabatly resminamalaryň blankalarynyň tükelleýiş ýazgysy

Gymmatly kagyzlaryň we berk hasabatly resminamalaryň blankalarynyň hakyky nagt barynyň we olaryň hasabat maglumatlary bilen aratapawydynyň mukdaryny görkezmek üçin ulanylýar. Ýazgy iki nusgada düzülýär, oňa tükelleýiş toparynyň jogapkär işgärleri we maddy jogapkär şahslar gol çekýärler. Ýazgynyň bir nusgasy kärhananyň buhgalteriýasyna berilýär, ikinjisi - gymmatly kagyzlary ýa-da berk hasabatly resminamalaryň blanklaryny saklamak jogapkärçiligine kabul edip alýan şahs(lar)da galýar.

Berk hasabatly resminamalarynyň blankalarynyň bir belgi bilen belgilenen halatlarynda, olaryň toplumy düzülýär we ondaky resminamalaryň mukdary görkezilýär.

Tükelleýiş ýazgysy başlanmazyndan ozal Gymmatly kagyzlaryň we berk hasabatly resminamalarynyň blanklarynyň saklanmagyna jogap berýän her bir maddy jogapkär şahsdan ýa-da şahslar toparyndan dil haty alynýar. Dil haty görnüşiň at bölegine goşulandyr.

Maddy jogapkär şahsyň çalşan ýagdaýynda üç nusgada düzülýär. Bir nusgasy gymmatly kagyzlary we berk hasabatly resminamalaryň blankalaryny kabul eden maddy-jogapkär şahsa, ikinjisi - gymmatly kagyzlary we berk hasabatly resminamalarynyň blankalaryny tabşyran maddy - jogapkär şahsa, üçünjisi - buhgalteriýa berilýär. Görnüşiň soňky sahypasynda, toparyň başlygynyň golynyň öň ýanynda, tükelleýiş sanawynyň geçirilýän döwründe Gymmatly kagyzlaryň we berk hasabatly resminamalarynyň blankalarynyň hereketi bolan ýagdaýynda resminamalaryň soňky belgilerini ýazmak üçin iki sany boş setir berilýär.

Tükelleýiş ýazgysynyň netijeleri boýunça maglumatlar awtomatlaşdyrylyp işlenende T-14 görnüş kagyz göterijisinde, şonuň ýalyda elektron göterijisinde maglumat saklaýjylary görnüşinde 1-nji sütünden 10-njy sütüne çenli doldurylyp topara berilýär.Topar ýazgynyň Gymmatly kagyzlaryň we berk hasabatly resminamalaryň blankalarynyň hakyky nagt bary hakyndaky 11-nji we 12-nji sütünlerini doldurýar.

## T-15 görnüş Alyjylar, üpjün edijiler we gaýry bergidarlar we algydarlar bilen hasaplaşyklaryň tükelleýiş delilnamasy

## T-16 görnüş Alyjylar, üpjün edijiler we gaýry bergidarlar we algydarlar bilen hasaplaşyklaryň tükelleýiş sanawynyň delilnamasyna goşundy

Alyjylar, üpjün edijiler we gaýry bergidarlar we algydarlar bilen

hasaplaşyklaryň tükelleýiş netijelerini resmileşdirmek üçin ulanylýar. Delilnama iki nusgada düzülýär we degişli hasaplarda görkezilýän galyndylaryň jemini resminamalar boýunça kesgitlemek arkaly toparyň jogapkär işgärleri tarapyndan gol çekilýär. Delilnamanyň bir nusgasy buhgalteriýa berilýär, ikinjisi - toparda galýar.

Görkezilen bergileriň görnüşleri boýunça T-15 görnüşi düzmek üçin esas bolup durýan goşundy (T-16 görnüş) delilnama goşulmalydyr. Goşundy buhgalter hasabynyň sintetik hasaplarynyň her biri boýunça düzülýär.

## T-17 görnüş Esasy serişdeleriň, maddy däl aktiwleriň tükelleýişiň netijeleriniň deňeşdiriş sanawnamasy
## T-18 görnüş Ätiýaçlyklaryň tükelleýişiň netijeleriniň deňeşdirme sanawnamasy

Hasabat maglumatlaryna gabat gelmezlikler ýüze çykarylan esasy serişdeleriň, ätiýaçlyklaryň we gaýry maddy gymmatlyklaryň tükelleýiş sanawynyň netijelerini görkezmek üçin ulanylýarlar. Deňeşdiriş sanawnamalarynda tükelleýiş netijeleri, ýagny, buhgalterçilik hasabynyň maglumatlary boýunça görkezijiler bilen tükelleýiş ýazgylarynyň maglumatlarynyň arasyndaky tapawutlar görkezilýär.

Buhgalterçilik hasabynda durýan, emma gurama degişli bolmadyk (saklamak jogapkärligindäki, ýa-da kärendä we gaýtadan işlemek üçin alnan) gymmatlyklara aýratyn deňeşdiriş sanawnamalary düzülýär. Deňeşdiriş sanawnamasyny hasapçy iki nusgada düzýär, olaryň biri buhgalteriýada saklanýar, ikinjisi - maddy jogapkär şahs (lar)a berilýär.

Maddy däl aktiwleriň tükelleýiş sanawynyň netijelerini (T-I7 görnüş) görkezmek üçin deňeşdiriş sanawnamasy düzülende onyň 3, 8, 10 sütünleri doldurylmaýar.

Nagt pul serişdeleriniň, Gymmatly kagyzlaryň we berk hasabat resminamalaryň blankalarynyň tükeleýişiniň netijelerini ýüze çykarmak üçin, degişlilikde, T-13 we T-14 görnüşler ulanylýarlar, olarda tükelleýiş (delilnamalarynyň) we deňeşdiriş sanawnamalarynyň görkezijileri birleşdirilendir.

## T-19 görnüş Gymmatlyklaryň tükelleýişiniň dogry geçirilişiniň gözegçilik barlagy barada delilnama
## T-20 görnüş Tükelleýişde ýüze çykarylan netijeleriň hasaba alnyş sanawnamasy

Tükelleýiş ýazgylaryny geçirmegi we olaryň dogry geçirilişine gözegçilik barlaglaryny resmileşdirmek üçin ulanylýarlar. Barlaglaryň netijeleri boýunça resminamalar tükelleýiş toparynyň agzalarynyň we maddy jogapkär şahslaryň gatnaşmagynda düzülýär.

Tükelleýişiň dogry geçirilişine gözegçilik barlaglarynyň netijeleri delilnama (T-19 görnüş) resmileşdirilýär. Hasabat ýylynda geçirilen

tükelleýişiň netijeleri baradaky maglumatlar tükelleýişde ýüze çykarylan netijeleriň hasaba alnyş sanawnamasynda (T-20 görnüş) jemlenýär.

## Düýpli gurluşyk boýunça

### DG-1 görnüş Ýerine ýetirilen işleriň gymmaty we harajatlary barada tassyknama

DG-1 görnüş boýunça tassyknama ýerine ýetirilen işler boýunça sargytçy bilen hasaplaşyklar geçirmek üçin ulanylýar.

Üç nusgada düzülýär. Birinji nusgasy – potratçy üçin, ikinjisi – sargytçy (gurujy, baş potratçy) üçin. Üçünji nusgasy maliýeleşdirýän banka iberilýär.

DG-1 görnüş hasabat döwründe gurluşyk we gurnama işlerini, jaýlary we desgalary düýpli abatlamak işlerini we beýleki potratçylyk işlerini ýerine ýetiren kärhananyň işgäri tarapyndan her aýda düzülýär we baş potratçy tarapyndan sargytça (guruja), kömekçi potratçy tarapyndan – baş potratça berilýär.

Desgalaryň gymmaty kesgitlenende Türkmenistanyň kanunçylyk namalary we beýleki resminamalary hökmany gollanylmalydyr.

Tassyknamada işleriň gymmaty we harajatlar sargytçynyň potratçy bilen hasaplaşyk geçirýän bahalarynda görkezilýär.

1-nji we 2-nji sütünde işleriň gymmaty we harajatlar bazis bahalarynda işleriň geçirilip başlanany bäri ösýän jemde görkezilýär. 3, 4–nji sütünlerde işleriň gymmaty tassyklanan indeksleriň çäklerinde görkezilýär, sebäbi döwlet býujetiniň hasabyna maliýeleşdirilýän desgalar boýunça tölegler Gurluşyk ministrliginiň barlagyna çenli indeksler boýunça geçirilýär.

5-nji sütünde işleriň gymmaty we harajatlar işleriň geçirilip başlanany bäri ösýän jemde, 6-njy sütünde bolsa maglumatlar diňe hasabat aýy üçin getirilýär.

Maglumatlar ilki bütin gurluşyk boýunça, soňra onyň düzümine girýän her bir desga (işe girizilýän toplum) boýunça aýratynlykda boş setirlerde getirilýär.

Gurnamada hasabat aýynda girizilen enjamlaryň her bir görnüşi boýunça A sütüninde enjamyň ady we kysymy 5 we 6-njy sütünlerde bolsa ýerine ýetirilen gurnama işleri baradaky maglumatlar görkezilýär.

Işleri ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly we şu işleriň gymmatyna girýän goşmaça harajatlar (materiallaryň gymmatynyň, iş haklarynyň, tarifleriň, maşynlary we enjamlary ulanmaga çykdajylaryň artmagy, gyş döwründe geçirilýän işlere goşmaça çykdajylar, işleriň hereketlilik we gatnawlylyk häsiýetleri üçin tölenýän goşmaça serişdeler we başgalar „Gurluşyk boýunça hemmesi” diýen setiriň maglumatlaryna goşulýar we sargytçynyň talapy boýunça şu setirden soňky boş setirlerde gurluşyga girýän her bir desga boýunça maglumatlar aýratynlykda görkezilýär.

7-nji sütünde gurluşyk-gurnama işlerine girmeýän harajatlar görkezilýär.

Gurluşyk maşynlaryny we enjamlaryny iş ornunda gurnamak we sökmek boýunça işleriň gymmaty (diňli kranlar üçin ýollary gurnamak we sökmek işlerinden başga), hili pes ýerine ýetirilen gurluşyk gurnama we beýleki işleriň zaýalaryny aýyrmak we gaýtadan düzetmek boýunça işleriň gymmaty, oturdylýan we sökülip aýrylýan enjamlaryň gymmaty, enjamlara goşmaça

goýmak üçin satyn alnan ýa-da gurluşykda öndürilen bölekleriň gymmaty, kömekçi önümçilikleriň we hyzmat ediş hojalyklaryň önümleriniň we hyzmatlarynyň gymmaty, sargytçylaryň öňünden geçiren tölegleri, getirilen ýa-da gurluşyk meýdançasynda öndürilen, ýöne, entek, işde ulanylmaýan bölekleriň, bloklaryň, gurluşlaryň we gurluşyk materiallaryň gymmaty, goşulan baha üçin salgydyň we hereket edýän kanunçylyga laýyklykda işleriň özüne düşýän gymmatyna girmeýän beýleki salgytlaryň möçberi potratçylyk işleriniň gymmatyna goşulmaýarlar.

Gurluşyk işleri bilen bir hatarda işleriň beýleki görnüşlerine degişli önümleri öndürilýän, işleri we hyzmatlary ýerine ýetirýän potratçy guramalar DG-1 görnüş boýunça tassyknamany düzmeýärler. Önümleriň, işleriň we hyzmatlaryň seýle görnüşleriniň ilkinji hasaby degişli pudaklar üçin kesgitlenen görnüşlerde alnyp barylýar.

## DG-2 görnüş Işleriň umumy žurnaly

Gurluşyk-gurnama işlerini ýerine ýetirilişini hasaba almak üçin ulanylýar. Gurluşyk-gurnama işleriniň ýerine ýetirilişiniň yzygiderliligini, möhletini, hilini we önümçilik şertlerini görkezýän esasy ilkinji resminamadyr.

Bir gurluşyk meýdançasynyň çäklerinde ýerleşýän, bir wagtda gurulýan aýratyn ýa-da bir kysymly jaýlar (desgalar) toparynyň gurluşygyna (durkuny täzelemek, giňeltmek) alnyp barylýar.

Jaýlaryň ýa-da desgalaryň gurluşygyna jogap berýän, işleri alyp baryjy (tapgyryň ýolbaşçysy, ussa) tarapyndan ýöredilýär. Ýöriteleşdirilen gurluşyk-gurnama guramalarynda žurnaly ýöredilýän ýörüte iş ol şol işleri ýerine ýetirýän jogapkär şahslarda saklanýar. Işler tamamlanandan soň ýörüte žurnal baş potratçy gurluşyk guramasyna berilýär.

Jikme-jik sanaw baş potratçy gurluşyk guramasy tarapyndan taslaýjy kärhananyň we sargytçynyň gatnaşmagynda gurluşyk başlanmanka doldurylýar.

Desganyň gurluşygyna gatnaşýan inžener-tehniki işgärleriň sanawyny (1-nji bölüm) baş potratçy kärhananyň ýolbaşçysy düzýär.

2-nji bölümde hemme delilnamalaryň sanawy kalendar düzgüninde getirilýär.

3-nji bölüme jaýlaryň we desgalaryň ýerine ýetirilişiniň hiline gözegçilik edilýän we baha berilýän bölekleri we elementleri boýunça edilen hemme işler girizilýär.

4-nji bölüm işleriň umumy žurnalyny ýöretmägä jogapkär işgär tarapyndan doldurylýar.

Başlanandan tä olar gutarýança geçirilen işler baradaky 5-nji bölümde getirilýän yzygiderli maglumatlar žurnalyň esasy bölümidir. Žurnalyň bu bölüminde işleriň başlanandygy we gutarandygy baradaky maglumatlar bolmalydyr we olaryň ýerine ýetirilişi yzygiderli görkelizmelidir.

Işleriň beýan edilişi jaýlaryň we desgalaryň esasy elementleri boýunça işleriň geçirilen sütünlerini, hatarlaryny, belgilerini, gatlaryny, bölümlerini,

otaglaryny görkezmek bilen geçirilmelidir.

Işleriň ýerine ýetiriliş usullary, ulanylýan materiallar, taýýar önümler we konstruksiýalar, gurluşyk maşynlarynyň mejbury işsiz durmagy (görülen çäreleri görkezmek bilen), enjamlaryň, ulgamlaryň setleriň we gurnuşlaryň synagy (boş ýa-da işde ulanyp görmek, elektrik energiýasyny bermek, berkligini we jebisligini synamak we başgalar), iş çyzgylaryndan çykmak (sebäbini görkezmek bilen) we olary ylalaşmak, gorap-saklaýyş germewleriniň, ulag we ýangyn ötelgeleriniň ýerini üýtgetmek, wagtlaýyn inžener setlerini goýmak, täzelemek we sökmek, edilen işleri düzetmek we täzeden etmek (günäkärleri hem-de işleri geçirmegiň howa we beýleki aýratyn şertlerini görkezmek bilen) baradaky gysgajyk maglumatlar hem şu bölümde getirilmelidir.

6-njy bölüme özlerine berilen hukuklaryna laýyklykda önümçiligi we işleriň howpsuzlygyny barlaýan işgärleriň, hem-de proýektleýji kärhananyň ýa-da onuň awtorçylyk gözegçiliginiň ygtyýarly wekilleriniň bellikleri girizilýär.

Umumy žurnalyň nomerlenmegi, çatylmagy, daşky listinde hemme gollaryň goýulmagy we žurnaly beren gurluşyk guramasynyň möhüri bilen berkidilmegi hökmandyr.

Gurluşygy tamamlanan desga ulanylmaga tabşyrylanda işleriň umumy we ýörüte žurnallary iş toparyna görkezilýär we obýekt kabul edilenden soň sargytça ýa-da sargytçynyň talapy boýunça ulanyjy gurama hemişelik saklamak üçin berilýär.

## DG-3 görnüş Gurluşygy tamamlanan desgany kabul etmek barada işçi toparynyň delilnamasy

Eýeçiligiň hemme görnüşlerine degişli gurluşygy gutaran önümçilik we ýaşaýyş maksatly desgalary (jaýlary, desgalary, olaryň nobatlaýyn gutaranlaryny, işe girizilýän toplumlary, olara durky täzelenýänleri, giňeldilýänleri we gaýtadan enjamlaşdyrylýanlary hem goşmak bilen) olaryň tassyklanan taslamada, potratçylyk şertnamasyna (kontrakta) laýyklykda doly taýýarlaryny sargytçynyň potratçydan kabul ediş resminamasy hökmünde ulanylýar.

Kabul ediş delilnamasy ýerine ýetirijiniň şertnama (kontrakta) laýyklykda geçiren hemme işlerini gutarnykly tölemek üçin esas bolup hyzmat edýär.

Delilnama zerur gerek nusgada düzülýär we oňa işleri ýerine ýetirjniň (baş potratçynyň) we sargytçynyň wekilleri ýa-da maýa goýujy tarapyndan, işleri ýerine ýetiriji (baş potratçy) we sargytçy üçin, degişlilikde, ygtyýarly edilen başga şahs tarapyndan gol çekilýär.

Kabul edişligi resmileşdirmek işçi topar tarapyndan, onuň geçiren gözegçilikleriniň, barlaglarynyň, derňew synaglarynyň we ölçegleriniň netijeleri, işleri ýerine ýetirijiniň kabul edilýän obýektiň tassyklanan taslamada, normalara, düzgünlere we ölçeglere laýyk gelýändigini subut edýän resmi kagyzlarynyň, şonuň ýaly-da gözegçi organlaryň çykaran netijeleri esasynda amala aşyrylýar.

Desgany kabul etmek boýunça hemme resminamalar sargytçy tarapyndan

obýekti ulanyja berilýär.

## DG-4 görnüş Gurluşygy tamamlanan desgany kabul etmek barada döwlet kabul ediş toparynyň delilnamasy

Bu delilnama gurulan desgalary hem-de durky täzelenen, giňeldilen we gaýtadan enjamlaşdyrylan önümçilik we ýaşaýyş maksatly desgalary kabul etmek, işe girizmek we olary esasy serişdeleriň düzümine goşmak boýunça resminamadyr.

Desgalary kabul etmek delilnama bilen resmileşdirilýär, oňa döwlet kabul ediş toparynyň ähli agzalary gol çekmelidirler.

Kabul ediş delilnama ýerine ýetirilen işleriň gymmaty we harajatlar baradaky tassyknamany (DG-1 görnüş) düzmek we ýerine ýetirijiniň şertnama (kontrakta) laýyklykda ýerine ýetiren hemme işlerini gutarnykly tölemek üçin esas bolup durýar.

Delilnama 5 nusgada düzülýär we oňa işleri ýerine ýetirijiniň (baş potratçynyň) we sargytçynyň wekilleri ýa-da maýa goýujynyň ygtyýarlyk beren başga şahsy, şonuň ýaly-da maýa goýujy ýa-da sargytçy tarapyndan işi ýerine ýetiriji (baş potratçy) we sargytçy üçin degişlilikde düzümi kesgitlenýän kabul ediş toparynyň agzalary tarapyndan gol çekilýär. Ýerine ýetirilen işleriň gymmaty bazis we hereket edýän bahalarda görkezilýär.

Kabul edişligi resmileşdirmek sargytçy we döwlet kabul ediş toparynyň agzalary tarapyndan, olaryň geçiren gözegçilikleriniň, barlaglarynyň, derňew synaglarynyň we ölçegleriniň netijeleri, işleri ýerine ýetirijiniň kabul edilýän desganyň tassyklanan taslama, normalara, düzgünlere we ölçeglere laýyk gelýändigini subut edýän resmi kagyzlarynyň, şonuň ýaly-da gözegçi edaralaryň çykaran netijeleri esasynda amala aşyrylýar.

Desgalary kabul etmegiň we işçi hem-de döwlet toparlarynyň delilnamalaryny (DG-3, DG-4 görnüşler) düzmegiň umumy tertibi Türkmenistanyň TGK 3.01.02-06 gurluşyk kadalarynda "Gurluşygy tamamlanan binalary kabul etmek”. Umumy düzgünler. TGK 3.01.02-06” giňden beýan edilýär.

Desgany kabul etmek we ony herekete girizmek baradaky maglumatlar döwlet hasabatlaryna goşulýar.

Desgany kabul etmek boýunça hemme resminamalar sargytçy tarapyndan obýekti ulanyja berilýär.

## Esasy serişdeler we maddy däl aktiwler boýunça

## ES-1 görnüş Esasy serişdeleri kabul ediş-tabşyryş delilnamasy

Aşakdaky ugurlar bilen gelen desgalary esasy serişdeleriň düzümine geçirmek üçin ulanylýar:

gaýry guramalardan tölenip satyn alynanlar;
hojalyk ýa-da potrat usulynda gurlanlar;
gaýry guramalardan we şahslardan mugtyna ulanmaga alynanlar;
guramaçylaryň öz goýumlarynyň hasabyna esasy maýa goýumyna geçirenleri;
hojalygy ýöretmäge ýa-da dolandyrmaga alynanlar;
geljekde satyn almak üçin kärendesine alynanlar;
sowgat delilnamasy boýunça girenler;
bilelikde işlemäge we ynançly dolandyrmaga berilenler;
başga emläge çalyşmaga we hereket edýän kanunçylyga garşy gelmeýän beýleki usullarda berileni.

Resminama herekete girizilýän desgalaryň kanunçylyga laýyklykda aýratyn düzgünde resmileşdirilýän halatlaryndan başga ýagdaýlarda, desgalaryň ulanmaga berilişini hasaba almak üçin, esasy serişdeleriň kärhananyň bir düzüminden beýleki düzümine içerkilerini üýtgetmelerini resmileşdirmek üçin, esasy serişdeleriň gordan ulanmaga berilişini resmileşdirmek üçin hem-de gaýry guramalara berilenlerini, satylanlaryny esasy serişdeleriň düzüminden çykarmak üçin ulanylýar.

Esasy serişdeleri kabul ediş-tabşyryş delilnamasy doldurylanda iki nusgada düzülýär. Esasy serişdeleriň birnäçe desgalarynyň kabul edilişini resmileşdirýän umymy delilnamany düzmäge, diňe önümçilik we hojalyk abzallary, gurallary, enjamlary we ş. m. hasaba alynanda, eger-de ol desgalar bir kysymly we deň gymmatly bolsalar hem-de bir kalendar aýynda kabul edilen bolsalar ygtyýar edilýär.

Delilnama şu desga degişli tehniki resminamalar goşulyp ol resmileşdirilenden son kärhananyň buhgalteriýasyna berilýär, baş buhgalter tarapyndan gol çekilýär we kärhananyň ýolbaşçysy ýa-da oňa ygtyýarly şahs tarapyndan tassyklanýar.

Esasy serişdeleriň içerki ýerini üýtgetmeler resmileşdirilende tabşyryjy kärhananyň düzümindäki bölümiň işgäri tarapyndan iki nusgada delilnama ýazylýar.

Birinji nusga kabul edijiniň we tabşyryjynyň dil haty bilen bilelikde buhgalteriýa geçirilýär, ikinjisi - tabşyryjy kärhananyň düzümindäki bölüme berilýär.

Satmak ýa-da gaýry guramalara bermek netijesinde çykan esasy serişdeler nama düzülip resmileşdirilýär, önuň maglumatlary esasynda kärhananyň buhgalteriýasynda esasy serişdeleri hasaba alyş inwentar kartyna (ES-5 görnüş) degişli ýazgy edilýär.

### ES-2 görnüş Bejerilen, durky täzelenen we kämilleşdirilen desgalaryň kabul ediş -tabşyryş delilnamasy

Bejerilen, durky täzelenen we kämilleşdirilen esasy serişdeleri kabul ediş-tabşyryşy resmileşdirmek üçin ulanylýar.

Kärhananyň düzümindäki bölümiň, esasy serişdeleri kabul etmek

ygtyýarlylygy berilen işgäri we bejerişi, durkuny täzelemegi we kämilleşdirmegi ýerine ýetiren kärhananyň wekili tarapyndan gol çekilen delilnama kärhananyň buhgalteriýasyna tabşyrylýar.

Delilnama baş buhgalter (buhgalter) tarapyndan gol çekilýär we ol kärhananyň başlygy tarapyndan tassyklanýar.

Esasy serişdeleriň degişli obýektiniň tehniki pasportyna düýpli bejeriş, durkyny täzelemek we kämilleşdirmek bilen baglanyşyklylykda obýektiň häsiýetine zerur üýtgetmeler girizilmelidir. Eger-de bejerişi, durkyny täzelemegi we kämilleşdirmegi gaýry gurama ýerine ýetirýän bolsa, delilnama iki nusgada düzülýär. Birinji nusga guramada galýar, ikinji nusga bejeriş, durkyny täzelemek we kämilleşdiriş geçiren gurama berilýär.

## ES-3 görnüş Esasy serişdeleri hasapdan çykaryş delilnamasy

Esasy serişdeleri (awtoulag serişdelerinden başga) doly ýa-da bölekleýin hasapdan çykarmagy resmileşdirmek üçin ulanylýar.

Delilnama iki nusgada düzülýär, toparyň agzalary tarapyndan gol çekilýär, kärhananyň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanýar.

Delilnamanyň birinji nusgasy buhgalteriýa berilýär, ikinjisi-esasy serişdeleri saklamak jogapkärligindäki şahsda galýar we ammara tabşyrmak we hasapdan çykarmak netijesinde galan ätiýaçlyk şaýlaryny, materiallary, metal böleklerini satmak üçin esas bolup durýar.

Hasapdan çykarmak boýunça harajatlar, hem-de jaýlary, desgalary ýykmakdan we sökmekden, enjamlary söküp aýyrmakdan we ş.m. son giren maddy gymmatlyklaryň bahasy «Esasy serişdeleri hasapdan çykarmak bilen baglanyşykly harajatlar we olary hasapdan çykarmakdan giren maddy gymmatlyklar barada tassyknama» diýen bölümde görkezilýär.

## ES-4 görnüş Awtoulag serişdelerini hasapdan çykaryş delilnamasy

Awtoulag serişdelerini hasapdan çykarmagy resmileşdirmek üçin ulanylýar. Delilnama iki nusgada düzülýär we kärhananyň ýolbaşçysynyň bellän toparynyň agzalary tarapyndan gol çekilýär, kärhananyň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanýar. Awtoulag serişdelerini hasaba alyş gullugyndan (edarasyndan) hasapdan çykarylandygyny tassyklaýan resminama goşulan birinji nusga buhgalteriýa berilýär, ikinjisi-awtoulag serişdeleri saklamak jogapkärligindäki şahsda galýar. Sökülen we sökülip aýrylan enjamlaryň, beýleki maşynlaryň abatlamak üçin alnyp galynjak şaýlary we bölekleri hem-de gaýtadan çig mal hökmünde ulanmaga ýaraýan bölekleri degişli hasaplara girdeji edilýär.

Hasapdan çykarmak boýunça harajatlar, hem-de awtoulag seriştelerini sökmekden giren maddy gymmatlyklaryň bahasy «Awtoulag serişdelerini hasapdan çykarmak bilen baglanyşykly harajatlar we olary hasapdan çykarmakdan giren maddy gymmatlyklar barada» diýen bölümde görkezilýär.

## ES-5 görnüş Esasy serişdeleri hasaba alyş inwentar karty

Esasy serişdeleriň hemme görnüşleriniň hasaby üçin, hem-de ulanmaga bir kalendar aýda girizilen we birmeňzeş önümçilik-hojalyk maksatlylygy, tehniki häsiýetnamasy we gymmaty bolan esasy serişdeleriň bir kysymly obýektleriniň toparlaýyn hasaba alnyşy üçin ulanylýar.

Buhgalteriýada inwentar karta her bir desga ýa-da desgalar toparyna alynyp barylýar. Toparlaýyn hasaba alyş ýagdaýynda inwentar karta esasy serişdeleriň aýratyn desgalarynyň özlerine degişli ýazgylaryny alyp barmak arkaly doldurylýar.

Görnüş desganyň girişi, onuň ýeriniň üýtgedilmegi, enjam bilen üstüniň ýetirilmegi, durkunyň täzelenmegi, kämilleşdirilmegi, düýpli bejerilmegi we hasapdan çykarylmagy baradaky resmi kagyzlar esasynda bir nusgada doldurylýar.

«Desgada gysgajyk özbaşdak häsiýetnama» diýen bölümde esasy desganyň diňe esasy hil we san görkezijileri, hem-de oňa degişli has möhüm goşmaça gurmalar, ýaramly ýagdaýa getirilen bölekler şu desga üçin has möhüm bolan iki-üç sany hil görkezijileri bilen çaklendirilip guramada bar bolan tehniki resminamalaryň maglumatlaryny gaýtalamazdan ýazylýar.

Esasy serişdeleriň toparlaýyn hasaba alynýan ýagdaýynda gysgaça ýeketäk häsiýetnama her bir desga aýratyn dälde, hasaba alyş inwentar kartada getirilýän desga toparlarynyň hemmesi boýunça umumy berilýär.

Durkuny täzelemek (kämilleşdirmek), gurup gutarmak we enjamlar bilen üstüni ýetirmek netijesinde desgany häsiýetlendirýän hil we san görkezijileriniň uly üýtgän ýagdaýynda öňki hasaba alyş inwentar karta, eger-de onda durky täzelenen (kämilleşdirilen, enjamlar bilen üsti ýetirilen, gurup gutarylan) desgany häsiýetlendirýän hemme görkezijileri getirmek mümkin bolmasa täzesi bilen çalşyrylýar. Köne hasaba alyş inwentar karty maglumat resminamasy hökmünde saklanylýar.

## ES-6 görnüş Enjamy kabul etmek barada delilnama
## ES-7 görnüş Enjamy oturtmaga kabul ediş-tabşyryş delilnamasy
## ES-8 görnüş Enjamyň ýüze çykarylan şikesleri barada delilnama

ES-7 görnüş oturtmak üçin ammara gelen enjamy resmileşdirmek üçin ulanylýar. Delilnama iki nusgada düzülýär we oňa kabul ediş topary tarapyndan gol çekilýär.

Oturtmak işleri potratçylyk usulynda alynyp barylanda kabul ediş toparyň düzümine potratçy oturdýan kärhananyň wekili hem girýär. Şeýle ýagdaýda, enjamy oturtmaga bermäge aýratyn delilnama düzülmeýär. Oturdyjy kärhananyň ygtyýarly wekili enjamy saklamak jogapkärligine alandygyna gös-göni delilnamanyň özünde gol çekýär, oňa delilnamanyň nusgasy berilýär.

Enjam ammara gelende ony ýokary hilli kabul etmegi geçirmek mümkinçiliginiň bolmadyk ýagdaýynda «Enjamy oturtmaga kabul ediş-tabşyryş delilnamasy» (ES-7görnüş) daşky gözegçilik boýunça düzülen başlangyç hasap edilýär.

## MDA-9 görnüş Maddy däl aktiwleriň hasap karty

Gurama üçin gelýän maddy däl serişdeleriň hemme görnüşlerini hasaba almak üçin ulanylýar. Desgalary maddy däl serişdeleriň hataryna goşmak düzgüni we olaryň düzümi kanuny we beýleki kadalaşdyryjy resminamalar arkaly kesgitlenýär.

Karta buhgalteriýada her bir obýekte açylýar. Gornüş maddy däl aktiwleriň giriş, kabul ediş-beriş (ýerini üýtgetme) resminamalarynyň esasynda bir nusgada doldurylýar.

7-nji sütünde ilki başdaky gymmaty we bähbitli ulanmak möhleti esasynda hasaplanýan kadalar möçberi boýunça her aýda kesgitlenýän ulanyş tutum möçberi görkezilýär.

«Maddy däl desganyň gysgaça häsiýetnamasy» bölüminde obýektiň diňe esasy görkezijileri guramada bar bolan şu obýekte degişli tehniki resminamalaryň maglumatlaryny gaýtalamazdan ýazylýar.

## Ätiýaçlyklar boýunça

### Ä-1 görnüş Ynanç haty

Üpjün edijiniň üst haty, hasap, şertnama, sargyt, ylalaşyk, boýunça goýberýan maddy gymmatlyklary alynanda şahsyň kärhananyň ygtyýarly şahsy hökmünde gatnaşmak hukugyny resmileşdirmek üçin ulanylýar.

Kärhananyň buhgalteriýasy ynanç hatyny bir nusgada doldurýar we dilhat alyp gol çekmek bilen alyja berýär.

Guramada işlemeýän şahslara ynanç hatyny bermek bolmaýar. Ynanç haty doly doldurylmalydyr we onda adyna ýazylan şahsyň golunyň nusgasy bolmalydyr. Ynanç hatynyň hereket edýäň döwri 15 gündir.

Maddy gymmatlyklary börçly tölegler ýagdaýynda almak üçin ynanç haty bir kalendar aý möhleti bilen berilip biliner.

### Ä-2 görnüş Ätiýaçlyklary girdeji ediş orderi

Üpjün edijilerden ýa-da gaýtadan işlemekden gelýän ätiýaçlyklary hasaba almak üçin ulanylýar. Ätiýaçlyklary girdeji ediş orderini maddy jogapkär şahs bir nusgada gymmatlyklaryň ammara giren güni doldurýar. Girdeji orderi gymmatlyklaryň diňe hakyky kabul edilen mukdaryna ýazylmalydyr.

"Pasportyň belgisi" diýen sütün düzüminde gymmat bahaly metallar we daşlar bolan maddy gymmatlyklar boýunça hojalyk amallary resmileşdirilen halatynda doldurylýar.

### Ä-3 görnüş Ätiýaçlyklary kabul etmek barada delilnama

Mukdar we hil tapawudy hem-de görnüşleri boýunça üpjün edijiniň bile

iberýän resminamalarynyň maglumatlary bilen kabul edilişini resmileşdirmek üçin ulanylýar. Şonuň ýaly-da resminamasyz gelen ätiýaçlyklar kabul edilende düzülýär; üpjün edijä, ugradyja nägilelik bildirmek üçin esas bolup durýar.

Görnüşde aýratyn setirlerde getirilmedik zerur goşmaça maglumatlar "Gaýry maglumatlar" diýen bölümde ýazylýar.

Delilnama kabul ediş toparynyň agzalary tarapyndan maddy jogapkär şahsyň we ugradyjynyň (üpjün edijiniň) wekiliniň ýa-da bähbidi bolmadyk kärhananyň wekiliniň hökmany gatnaşmagynda iki nusgada düzülýar.

Gymmatlyklar kabul edilenden son resminamalar (ulag ýanhatlary we ş.m.) goşulan delilnamalaryň bir nusgasyny – kärhananyň buhgalteriýasyna maddy gymmatlyklaryň hereketini hasaba almak üçin, beýlekisi – üpjünçilik bölümine ýa-da buhgalteriýa –haryt iberijä nägilelik hatyny ibermek üçin berilýär. "Pasportyň belgisi" diýen sütün diňe düzüminde gymmat bahaly metallar we daşlar bolan maddy gymmatlyklaryň gelmegi bilen geçirilýän hojalyk amallary resmileşdirilende gabat gelmezlik ýüze çykarylan ýagdaýlarynda doldurylýar.

## Ä-4 görnüş   Ätiýaçlyklary çäkli göýberiş karty

Önüm öndürilende yzygiderli ulanylýan, göýberiş çägi kesgitlenen ätiýaçlyklaryň göýberilişini resmileşdirmek üçin hem-de önümçilik hajatlaryna göýberilýän ätiýaçlyklara kesgitlenen çägiň berjaý edilişine gündelik gözegçilik etmek üçin ulanylýar we maddy gymmatlyklary ammaryň hasabyndan öçürmek üçin subut ediji resminama hökmünde hyzmat edýär.

Ätiýaçlyklary çäkli göýberiş karty ätiýaçlyklara iki nusgada ýazylýar. Bir nusgasy aýyň başyna çenli düzümdäki bölüme – ätiýaçlyklary ulanyja, ikinjisi – ammara berilýär.

Ammar tarapyndan ätiýaçlyklary önümçilige göýbermek düzümdäki bölümiň wekiliniň çäkli göýberiş kartynyň özündäki nusgasyny görkezen halatynda amala aşyrylýar.

Ammarçy nusgalaryň ikisinde hem goýberilen ätiýaçlyklaryň senesini we mukdaryny bellik edýär, ondan son ätiýaçlygyň sanaw belgisi boýunça çägiň galanyny kesgitleýär. Düzümdäki bölümiň çäkli göýberiş kartynda - ammarçy, ammaryň çäkli göýberiş tabelinde bolsa - düzümdäki bölümiň wekili gol çekýärler.

Ilkinji hasaba alyş resminamalarynyň sanyny azaltmak üçin, maksada laýyk gelýän ýerlerde, ätiýaçlyklaryň göýberilişini gös-göni ätiýaçlyklaryň hasaba alnyş kartynda (Ä-7 görnüş) resmileşdirmek maslahat berilýär. Şu ýagdaýda ätiýaçlyklary göýbermäge harçlaýyş resminamalary resmileşdirilmeýär, amallaryň özi bolsa bir nusgada ýazylýan we buhgalterçilik resminamalary hökmünde ähmiýeti bolmadyk çäkli kartlar esasynda alynyp barylýar. Göýberiş çägini kartyň özünde hem görkezip bolar. Ätiýaçlyklary alanda düzümdäki bölümiň wekili gös-göni ätiýaçlyklaryň hasaba alnyş kartynda gol çekýär, çäkli göýberiş kartynda bolsa ammarçy gol çekýär.

Önümçilikde ulanylmadyk (gaýtarylyp berilen) ätiýaçlyklaryň hasaby hem çäkli goýberiş karty boýunça alynyp barylýar. Şunlukda, hiç hili goşmaça resminamalar düzülmeýär.

Ätiýaçlyklary çäkden artyk goýbermek we ätiýaçlyklaryň bir görnüşini beýlekisi bilen çalşyrmak diňe kärhananyň başlygynyň, baş inženeriniň ýa-da oňa ygtyýarly şahslaryň rugsady boýunça amala aşyrylýar.

Çägi üýtgetmeklik hem diňe ony kesgitlemäge hukugy bolan şahslaryň özleri tarapyndan geçirilýär.

Maddy gymmatlyklar çäkli goýberiş kartynda bellenen ammarlar tarapyndan göýberilýär. Ammarçy çäkli goýberiş kartynda göýberilen ätiýaçlyklaryň senesini we mukdaryny bellik edýär, ondan son ätiýaçlyklaryň her-bir sanaw belgisi boýunça çägiň galanyny kesgitleýär. Çäk doly ulanylandan soňra ammarlar çäkli göýberiş kartlaryny buhgalteriýa tabşyrýarlar. Käbir görkezijileri doldurylan çäkli göýberiş kartynyň blankasy hasaplaýyş tehniki serişdeleriň kömegi bilen resmileşdirilip biliner.

## Ä-5 görnüş Talapnama – ýan haty

Maddy gymmatlyklaryň kärhananyň içinde, düzümdäki bölümleriň (ýa-da maddy jogapkär şahslaryň) arasyndaky hereketlerini hasaba almak üçin ulanylýar.

Ýan hatyny gymmatlyklary tabşyrýan düzüm bölüminiň jogapkär şahsy iki nusgada düzýär. Bir nusgany tabşyrýan ammara gymmatlyklary hasapdan çykarmak üçin, ikinjisi bolsa-kabul edýän ammara gymmatlyklary girdeji etmek üçin esas bolup hyzmat edýär.

Ätiýaçlyklaryň önümçilikde harçlanman galanlaryny, eger-de olar ozal talapnama boýunça alynan bolsalar, hem-de zaýa bolan we taşlandy ätiýaçlyklary ammara tabşyrmak boýunça amallar hem şu ýan haty bilen resmileşdirilýär.

Ýan hatyna tabşyryjynyň we alyjynyň degişli maddy jogapkär şahslary gol çekýärler we ätiýaçlyklaryň hereketini hasaba almak üçin buhgalteriýa tabşyrýarlar.

## Ä-6 görnüş Ätiýaçlyklary gaýry tarapa göýberiş ýan haty

Kärhananyň çäklerinden daşarda ýerleşýän öz hojalyklaryna ýa-da şertnamalar we beýleki resmi namalar esasynda gaýry guramalara göýberilýän maddy gymmatlyklary hasaba almak üçin ulanylýar.

Ýan hatyny düzümdäki bölümiň işgäri şertnamalar (kontraktlar), ýan hatlar we beýleki degişli resmi kagyzlar we alyjynyň gymmatlyklary almaga kesgitlenen düzgünde doldurylan ynanç hatyny görkezmegi esasynda iki nusgada ýazýar.

Birinji nusgasy materiallary göýbermek üçin esas hökmünde ammara, ikinjisi - ätiýaçlyklary alyja berilýär.

## Ä-7 görnüş Ätiýaçlyklary hasaba alyş karty

Ätiýaçlyklaryň her bir görnüşi we möçberi boýunça ammardaky hereketini hasaba almak üçin ulanylýar; ätiýaçlygyň her bir sanaw belligine doldurylýar we

maddy jogapkär şahs (ammarçy, ammar müdüri) tarapyndan ýöredilýär. Kartyň ýazgylary ilkinji girdeji-çykdajy resmi namalar esasynda amallar bolan güni geçirilýär.

### Ä-8 görnüş  Jaýlary we desgalary sökmekden alnan maddy gymmatlyklary girdeji etmek barada delilnama

Görnüş jaýlary we desgalary sökmekden alynan, geçirilýän işlerde ulanmaga ýaramly maddy gymmatlyklary girdeji etmegi resmileşdirmek üçin ulanylýar.

Delilnama sargytçynyň we potratçynyň wekillerinden durýan topar tarapyndan üç nusgada düzülýär, oňa sargytçynyň we potratçynyň wekilleriniň goly goýulýar. Delilnamanyň birinji we ikinji nusgasy sargytçyda, üçünjisi- potratçyda galýar. Sargytçy, öz nobatynda, delilnamanyň birinji nusgasyny potratça tölemek üçin berilen hasaba goşundy hökmünde ulanýar.

### Ä-9 görnüş  Ätiýaçlyklary hasapdan çykaryş delilnamasy

Könelen we gelejekde peýdalanmaga ýaramsyz ätiýaçlyklaryň (arzan bahaly we tiz könelýän zatlaryň) hasapdan çykarylyşyny resmileşdirmek üçin ulanylýar.

Topar tarapyndan bir nusgada düzülýär. Hasapdan çykarylan zatlar taşlandylar hökmünde ammara tabşyrylandan soňra delilnama ammarçynyň dil haty bilen buhgalteriýa berilýär.

Arzan bahaly we tiz könelýän zatlaryň aýry-aýry görnüşlerine hasapdan çykaryş delilnamalary aýratynlykda doldurylýar.

### Ä-10 görnüş  Hasap-faktura

Hasap-faktura üpjün ediji, ýagny satyjy tarapyndan harydyň satyn alyja ýerlenjekdigini ýa-da ugradylýandygyny aňlatmak üçin düzülýän ilkinji hasaba alyş resminamasydyr. Bu resminamanyň esasynda üpjün ediji tarapyndan bank resminamasy bolan töleg talapnamasy resmileşdirilýär we buhgalterçilik hasaba alnyşyň registrlerinde ýazgy geçirlmegine esas bolýar. Resminama taraplaryň ylalaşan şertnamasyna laýyklykda kesgitlenen husgalarda düzülýär.

Harydy satyn alyjy tarapyndan hasap-fakturanyň we töleg talapnamanyň esasynda bellenilen möhletlerde alynan harytlar barada harydy iberiji bilen töleg geçirip hasaplaşmaklyga we buhgalterçilik hasaba alnyşyň registrlerinde ýazgy geçirlmegine esas bolup hyzmat edýär.

## Kassa amallary boýunça

### K-1 görnüş  Girdeji kassa orderi

Kärhananyň kassasyna girýän nagt pullary maglumatlaryň el hem-de hasaplaýyş tehniki serişdeleri peýdalanmak usullary bilen işlenýän şertlerinde

resmileşdirmek üçin ulanylýar. Girdeji kassa orderi buhgalteriýanyň işgäri tarapyndan bir nusgada ýazylýar, oňa baş hasapçy ýada ygtyýarly edilen şahs gol çekýär.

Girdeji kassa orderine kwitansiýa baş hasapçy ýa-da oňa ygtyýarly edilen şahs we kassir tarapyndan gol çekilýär, kassiriň möhüri (ştampy) bilen tassyklanýar we girdeji we çykdajy kassa resminamalarynyň bellige alyş žurnalynda (K-3 görnüş) bellige alynýar hem-de pul tabşyranyň eline berilýär, girdeji kassa orderi bolsa kassada galýar.

Girdeji kassa orderiniň we oňa kwitansiýanyň :

"Esas" diýen setirinde hojalyk amallarynyň mazmuny görkezilýar;

"Şol sanda" diýen setirinde goşmaça gymmata salgydyň jemi sanlarda ýazylyp görkezilýär, önümlere, işlere, hyzmatlara salgyt salynmaýan ýagdaýlarda bolsa "salgytsyz (GGS)" diýen ýazgy edilýär.

Girdeji kassa orderiniň "Goşundy" diýen setirinde goşulýan ilkinji we beýleki resminamalaryň sanawy olaryň belgilerini we düzülen senelerini görkezmek bilen getirilýär. "Kredit, düzümdäki bölümiň kody" diýen sütünde pul serişdeleri girdeji edilýän düzümdäki bölümiň kody görkezilýar.

## K-2 görnüş Çykdajy kassa orderi

Kärhananyň kassasyndan berilýän nagt pullary maglumatlaryň el hem-de hasaplaýyş tehniki serişdeleri peýdalanmak usullary bilen işlenýän şertlerinde resmileşdirmek üçin ulanylýar. Order buhgalteriýanyň işgäri tarapyndan bir nusgada ýazylýar, oňa kärhananyň ýolbaşçysy we baş hasapçy ýa-da ygtyýarly edilen şahs gol çekýärler we girdeji we çykdajy kassa resminamalarynyň bellik ediş depderçesinde (K-3görnüş) bellige alynýar.

Çykdajy kassa orderlerine goşulýan resminamalarda (arzalarda, hasaplarda we ş.m.) kärhananyň ýolbaşçysynyň rugsat beriji ýazgysy bar bolan ýagdaýlarda çykdajy kassa orderlerinde onuň goly hökman däldir.

Çykdajy kassa orderiniň "Esas" diýen setirinde hojalyk amallarynyň mazmuny görkezilýar, "Goşundy" diýen setirinde bolsa goşulýan ilkinji we beýleki resminamalaryň sanawy olaryň belgilerini we düzülen senelerini görkezmek bilen getirilýär.

## K-3 görnüş Girdeji we çykdajy kassa resminamalaryny bellige alyş žurnaly

Girdeji we çykdajy kassa orderlerini ýa-da olaryň ýerini tutýan töleg (töleg-hasaplaşyk) sanawnamalaryny, pul berilmegine arzalary, hasaplary we ş.m. resminamalary, olar kassa berilýänçä, buhgalteriýa tarapyndan bellige almak üçin ulanylýar. Zähmete tölegler we olara barabar beýleki tölegler boýunça töleg (töleg-hasaplaşyk) sanawnamalarynda resmileşdirilen çykdajy kassa orderleri, olar berilenden soň bellige alynýarlar.

## K-4 görnüş Kassa kitaby

Girýän we çykýan nagt pullaryň hasabyny kassada alyp barmak üçin ulanylýar. Kassa kitaby belgilenmelidir, çatylmalydyr we soňky sahypasynda möhürlenip, şol ýerde "Şu kitapda ____ sahypa belgilenen we çatylan" diýen ýazgy edilmelidir. Kassa kitabynda çatylan sahypalaryň umumy sany kärhananyň başlygynyň we baş hasapçysynyň gollary bilen tassyklanýar.

Kassa kitabynyň her bir sahypasy 2 sany deň bölekden durýar: olardan birini (kese çyzykly) kassir birinji nusga hökmünde doldurýar, ikinjisini (kese çyzyksyz) kassir ýüz we arka taraplary bilen nusga kagyzy arkaly syýaly ýa-da şarikli ruçka bilen doldurýar. Sahypalaryň birinji we ikinji nusgalary bir meňzeş belgiler bilen belgilenýär. Sahypalaryň birinji nusgasy kassa kitabynda galýar. Sahypalaryň ikinji nusgasy ýyrtylýan bolmalydyr, olar kassiriň hasabaty bolup hyzmat edýärler we gün üçin amallar gutarýança ýyrtylyp aýrylmaýarlar.

Kassa amallarynyň ýazgylary sahypanyň ýyrtylmaýan böleginiň ýüz tarapynda "Günüň başyna galany" diýen setirden soň başlanýar.Sahypany öňünden kesiş çyzygy boýunça epleýärler, onuň üçin sahypanyň ýyrtylyp aýrylýan bölegi kitapda galýan böleginiň aşagyna goýulýar. "Geçişden" soň ýazgylary alyp barmak üçin sahypanyň ýyrtylýan bölegi sahypanyň ýyrtylmaýan böleginiň ýüz tarapynyň üstüne goýulýar we sahypanyň ýyrtylmaýan böleginiň arka tarapynyň kese çyzyklary boýunça dowam etdirilýär.

### K-5 gornüş Kassiriň kabul eden we göýberen pul serişdeleriniň hasaba alyş kitaby

Kassiriň kärhananyň kassasyndan beýleki kassirlere ýa-da ynanç bildirilen şahsa (paýlaýja), goýberen pullaryny hasaba almak, hem-de nagt pullaryň we geçirilen amallar boýunça kassa resminamalarynyň gaýtaryp berilişini hasaba almak üçin ulanylýar.

## Zähmet boýunça

### Z-1 görnüş Is wagtynyň ulanylyşyny we zähmet hakynyň hasaplanyşyny hasaba alyş tabeli

Ähli kategoriýadaky gullukçylaryň is wagtynyň ulanylyşyny hasaba almak, işçileriň we gullukçylaryň is wagtynyň bellenen düzgünini berjaý edişlerine gözegçilik etmek, işlenen wagt we zähmet hakyny hasaplamak barada maglumatlar almak, hem-de zähmet boýunça statistiki hasabatlylygy düzmek üçin ulanylýar.

Tabeli düzmäge ygtyýar berlen şahs tarapyndan bir nusgada düzülýär we bellenen tertipde resmileşdirilenden soňra buhgalteriýa berilýär.

Işe çykmazlyklaryň sebäpleri ýa-da doly däl iş güni düzgünindäki işler baradaky, is wagtyndan daşary iş we beýleki kadaly iş şertlerinden çykmalar baradaky bellikler, tabelde, diňe bellenen tertipde düzülen resminamalar esasynda edilmelidir (zähmete ukypsyzlyk haty, döwlet ýa-da jemgyýetçilik borçlaryny ýerine ýetirendigi baradaky tassyknama we ş.m.)

Is wagtynyň her gün üçin ulanylyşyny tabelde (Z-1 görnüşiň 3-nji, 5-nji sütünleri) görkezmek üçin iki setir bölünip berlendir, bir setiri-sarp edilen is wagtynyň görnüşleri boýunça şertli belgileri goýmak üçin, beýleki setiri bolsa-şolar boýunça sagatlaryň sanyny ýazmak üçindir. Tabelde iş wagtynyň ulanylyşyny hasaba almak hemme işe çykmalary we işe çykmazlyklary tutuşlaýyn bellige almak usuly bilen, ýa-da diňe iş şertleriniň kadasyndan çykmalary bellige almak arkaly amala aşyrylýar (işe çykmazlyklar, gijä galmalar we ş.m.).

## Z-2 görnüş Hasaplaşyk sanawnamasy

Hemme kategoriýadaky işgärleriň zähmet hakyny hasaplap çykarmak üçin ulanylýar. Buhgalteriýada bir nusgada düzülýär. Iri guramalarda ulanmak teklip edilýär.

Z-2 görnüş boýunça hasaplaşyk sanawnamasy ulanylanda Z-5 görnüş boýunça şahsy hasap ýöredilýär. Zähmet hakynyň töleglerini hasaba almak üçin Z-4 görnüş boýunça töleg sanawnamasy ulanylýar.

Z-2 görnüş esasy we goşmaça goýulan sahypalardan durýan žurnal hökmünde çap edilýär. Goşmaça goýulýan sahypalaryň sany žurnalyň haýsy döwre (çärýek, ýarym ýyl ýa-da ýyl) niýetlenendigine baglydyr.

## Z-3 görnüş  Hasaplaşyk-töleg sanawnamasy

Ähli kategoriýadaky işgärleriň is haklaryny hasaplap çykarmak we tölemek üçin ulanylýar.

Orta we kiçi guramalarda ulanmak teklip edilýär. Şu görnüş düzülende başga hasaplaşyk we töleg sanawnamasyny doldurmazlyga ygtyýar berilýär.

Buhgalteriýada bir nusgada düzülýär.

Zähmet hakyny hasaplamak önüm öndürmegiň, hakyky işlenen wagtyň, goşmaça tölegleriň hasaba alnyşy boýunça ilkinji resminamalaryň maglumatlary esasynda geçirilýär. Şunuň bilen bir wagtda zähmet hakyndan tutulýan hemme tutumlaryň hasaby çykarylýar we tölemäge degişli puluň möçberi kesgitlenilýär.

Bölümiň "Ýeňillikler" diýen sütünlerinde kanunçylyk esasynda salgyt salynmaýan we girdejileriň umumy jeminden aýrylmaga degişli pullaryň möçberi görkezilýär.

"Işgärleriň kategoriýasy" diýen sütün zähmet boýunça düzülýän hasabatlarda işgärleri, olaryň kategoriýalary boýunça bölüp görkezmek göz öňünde tutulan guramalarda doldurylýar.

## Z-4 görnüş   Töleg sanawnamasy

Zähmet hakynyň tölenişini hasaba almak üçin ulanylýar.

Görnüşiň birinji sahypasynda tölenen we depozite tabşyrylan iş hakynyň umumy jemi görkezilýär. Zerur halatlarda "Bellik" diýen sütünde, esas hökmünde görkezilen resminamanyň belligi getirilýär.

Töleg sanawnamasy doldurylanda iň soňky ýazgydan soň jemleýji setiriň

doldurylmagy zerurdyr. Jemleýji setirler her sahypanyň ahyrynda hem doldurylyp bilner.

Şu resminamanyň tehniki hasaplaýyş serişdeleriniň kömegi bilen düzülýän ýagdaýlarynda, töleg sanawnamasy setirsiz hem çap edilip bilner.

**Z-5 görnüş Şahsy hasap**
**Z-6 görnüş Şahsy hasap**

Geçen döwürler üçin zähmet haky baradaky maglumatlary görkezmek üçin iri guramalarda ulanmak teklip edilýär. Buhgalteriýanyň işgäri tarapyndan doldurylýar. Z-5 görnüş önüm öndürmegiň we ýerine ýetirilen işleriň, işlenen wagtyň we tölegleriň her hili görnüşleriniň hasaby boýunça ilkinji resminamalaryň esasynda, hasaplanan zähmet hakynyň we ondan edilýän tutumlaryň ähli görnüşlerini ýazgy etmek üçin ulanylýar.

Zähmet hakynyň hakujysyz hasaplaşylýan ýagdaýlarynda, hasaplanan aýlyk we tutumlar baradaky ýazgylar Z-5 görnüşde iki setirde getirilýär. Zerur halatlarda, her bir sütüne jemleýji setiri goşmak hem mümkündir. Şahsy hasabyň maglumatlary esasynda Z-2 görnüş boýunça hasaplaşyk sanawnamasy düzülýär.

Z-6 görnüş hasaba alyş maglumatlarynyň tehniki hasaplaýyş serişdeleriniň kömegi bilen işlenip taýýarlanýan ýagdaýlarynda ulanylýar we işgär barada diňe şertli-hemişelik görkezijileri özünde saklaýar. Zähmet hakyny hasaplamak boýunça maglumatlar her aýda şahsy hasaba maşynogrammalar görnüşinde goşulýar. Şahsy hasabyň sütünleriniň mazmuny görnüşiň üçünji sahypasynda ýa-da maşynogrammanyň özünde çap edilip bilner. Ikinji we dördünji sahypalar tölegleriň we tutumlaryň görnüşleriniň kodlaryny ýazmak üçin peýdalanylýar.

Görnüşde ýerleşdirilen tablisadaky boş sütünler zerur bolan aýry-aýry ýazgylary geçirmek üçin peýdalanylýar.

## Oba hojalygy boýunça

### OH-1 görnüş Tohumlaryň, nahallaryň we şitilleriň harçlanyşy barada delilnama

Oba hojalyk ekinlerini ekmäge harçlanan tohumlary we oturdylýan nahallary (şitilleri) buhgalterlik hasabyndan harajatlara öçürmek üçin esas hökmünde ulanylýar.

Delilnama ekiş we nahal (şitil) oturtma işleri tamamlanan we önüm öndürijiler tarapyndan kabul edilip alnan her bir ekin meýdanynda ekilen ekinleriň görnüşleri boýunça aýry-aýrylykda hojalygyň agronomy tarapyndan bir nusgada düzülýär.

Hojalygyň agronomy, önüm öndüriji (toparyň ýolbaşçysy, kärendeçi topar we ş.m.) we maglumatlaryň dogrylygyny barlan buhgalter tarapyndan gol çekilen we hojalygyň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanan delilnama soňra çykdajy resminamalar bilen bilelikde degişli ýazgylar geçirmek üçin doldurylan gününiň ertesi hojalygyň buhgalteriýasyna berilýär.

## OH-2 görnüş Ekerançylyk önümleriniň girdeji edilişi barada gündelik

Daýhan birleşiklerine we kömekçi hojalyklara degişli meýdanlarda hojalygyň öz işgärleri, kärendeçiler we beýlekiler tarapyndan ösdürilip ýetişdirilen bakja, gök, miwe, ir-iýmişler we beýleki ekerançylyk önümleriniň hojalykda kabul edilişini (girdeji edilmegini) hasaba almak üçin ulanylýar.

Gündelik ekerançylyk toparyň ýolbalşçylary tarapyndan özlerine berkidilen ekin meýdanlary boýunça ýöredilýär.

Her bir önüm öndürijiden gelen önüm gündelige aýratyn ýazylýar. Kabul ediji ýa-da ammarçy önümi çekip alýar we her bir çekimi, hasylyň ýygnalan we kabul edilen ýerini, önümiň agramyny we hilini görkezmek bilen gündelige ýazýar.

Eger-de önüm kabul edilende ony çekmek mümkinçiligi bolmasa, onda ýygnalan hasylyň agramyny kesgitlemek üçin sygymlylygy öňünden ölçelen gap peýdalanyp bilner.

Iş gününiň ahyrynda, kabul ediji (ammarçy) bir günde kabul edilen önümleriň jemini gündeliklerde hasaplap çykarýar. Gündelikler kabul edip alnan önümleri girdeji etmek we önüm öndürijiler (kärendeçiler) bilen hasaplaşyklar geçirmek üçin günüň ahyrynda hojalygyň buhgalteriýasyna tabşyrylýar.

## OH-3 görnüş Ýöriteleşen hojalyklaryň ýyladylýan desgalarynda we ýapyk toprakda öndürilen önümleriň girdeji edilişi barada gündelik

Ýyladylýan jaýlarda we üsti ýapyk şertlerde ösdürilip ýetişdirilen we hojalyga tabşyrlan gök we gaýry önümleriň hasabyny ýöretmek we olary girdeji etmek üçin ýöriteleşdirilen hojalyklarda ýa-da bölümlerde ulanylýar. Muňa hojalyklaryň düzümindäki paýdarlaryň we kärendeçileriň öndüren önümleri hem degişlidir.

Gündeligi hojalygyň topar ýolbaşçysy alyp barýar. Ýygym bilen meşgullanýan işgärlerden geliş derejesine görä, tabşyrylýan önümleriň agramy çekilýär we her bir çekim, kabul edilen önümiň umumy agramyny, şol sanda onuň hil ülňüsine laýyk gelýän we gelmeýän möçberini, ýyglan ýeriniň adyny görkezmek bilen gündelige ýazylýar. Kabul edip alnan gök önümleriň agramy kilogramda görkezilýär. Limon, güller ýa-da beýleki önümler kabul edilende olaryň özlerine mahsus ölçeg birlikleri ulanylyp bilner.

Gündelikler her gün buhgalteriýa tabşyrylýar.

Önümleri ýyglan ýerlerinden saklanylýan ýerlere, sortlaşdyrýan, gaýtadan işleýän we ýerleýän edaralara ugratmak üçin degişli resminamalar ulanylýar.

## OH-4 görnüş Ýöriteleşen hojalyklarda miwäniň we üzümiň girdeji edilişi barada gündelik

Hojalygyň ekin meýdanlarynda öndürilen miweli we üzüm agaçlarynyň önümlerini kabul edip almak we olary girdeji etmek üçin ýöriteleşdirilen

hojalyklarda, bölümlerde ulanylýar. Önümiň her bir görnüşine aýratyn gündelik düzülýär.

Hojalygyň agzalarynyň, kärendeçileriň we beýleki işgärleriň (ýygymçylaryň) ýygan önümleri toparyň ýolbaşçysyna (sehiň ammaryna) tabşyrylýar, ol olary çekip alýar we her bir çekimi, onuň senesini, hasylyň ýyglan-kabul edilen ýerini, ýygnalan meýdanyny, kabul edilen önümiň mukdaryny we görnüşini görkezip gündelige ýazýar.

Günüň ahyrynda toparyň ýolbaşçysy gündeliklerde bir günde kabul edilen önümleriň jemini çykarýar we olary buhgalteriýa tabşyrýar. Bu maglumatlar tabşyrylan önümler üçin öndürijiler bilen hasaplaşyklar geçirmäge esas bolup hyzmat edýär.

## OH-5 görnüş Iri baldakly we şireli ot-iýmleri kabul ediş delilnamasy

Taýýarlanan iri baldakly we şireli ot-iýmleri kabul etmek, saklamaga jogapkär işgärlere bermek we hasaba almak işlerini resmileşdirmek üçin ulanylýar.

Delilnama ýörite iş topary tarapyndan iki nusgada düzülýär.

Delilnamada taýýarlanan iri (bede, sypal, saman, ýandak, gamyş we başgalar.) we şireli (silos, kökli miweler, bakja ekin önümleri we başgalar.) ot-iýmleriň her bir görnüşi aýratynlykda görkezilýär. Küdeleriň, petdeleriň, garymlaryň we iýmlik gök ekin önümleri saklanýan jaýlaryň belgileri we olaryň ýerleşýän meýdanlarynyň çyzgysy (shemasy) hem delilnama goşulýar. Iş topary tarapyndan kabul edilen küdeler, petdeler, garymlar we ş. m. maldarçylyk bölümlerine, çopanlara, kärendeçiler toparyna berkidilýär we degişli maddy-jogapkär işgärleriň jogapkärçiligine berilýär.

Delilnamanyň bir nusgasy, onuň tassyklanan güniniň ertesi hojalygyň buhgalteriýasyna berilýär we ol ýygnalan, dürşde edilen ýa-da küdelenen ot-iýmleri girdeji etmek üçin esas bolup hyzmat edýär. Önüm öndüren hojalyklaryň özünde galdyrylan ot-iýmleri, olaryň özüne düşýän gymmaty boýunça hasaba alynýar. Delilnamanyň ikinji nusgasy küdeleriň, petdeleriň we beýleki ot-iýmleriň ýerleşýän meýdanynyň çyzgysy (shemasy) bilen bilelikde ot-iýmler berkidilen ýa-da ot-iýmleri öz jogapkärçiliginde saklamaga alan işgäre berilýär.

## OH-6 görnüş Ot-iýmleriň harçlanyşynyň hasaba alnyş sanawnamasy

Hasabat aýynyň dowamynda maldarçylyk bölümine, toparyň ýolbaşçysyna, kärendeçi toparlaryna mallary we guşlary iýmitlendirmek üçin berlen we sarp edilen ot-iýmleri hasaba almak we resmileşdirmek üçin ulanylýar.

Hasaba alnyş sanawnamasy buhgalteriýa ýa-da zootehnik gullugy tarapyndan her aýda iki nusgada ýazylýar. Ol, belli bir döwür üçin (bir aýlyk we ş. m.) bir baş mala berilmeli iýmiň tassyklanan möçberi esasynda alnyp barylýar. Mallara berilmeli ot-iýmleriň paýy, ol ot-iýmler bilen iýmitlendirilmeli mallaryň görnüşleri we jyns-ýaş toparlary boýunça görkezilýär. Hasaba alnyş

sanawnamasynyň ot-iýmleri alyjynyň goly çekilen birinji nusgasy hasabat aýynyň tamamlanmagy bilen buhgalteriýa berilýär. Ol goýberilen ot-iýmleri ammar müdiriniň ýa-da beýleki maddy-jogapkär şahsyň hasabyndan öçürmek üçin esas bolup durýar, ot-iýmleri goýbermek barada ammarçynyň (ammar müdiriniň) goly çekilen ikinji nusgasy bolsa – bölüm müdirinde ýa-da toparyň ýolbaşçysynda saklanýar.

Zootehnik ýa-da maldarçylyk bölüminiň müdiri aýyň ahyrynda mallaryň we guşlaryň her bir topary boýunça hakyky harç edilen ot-iýmleriň jemini çykarýar, ot-iýmleriň galany bar ýagdaýynda bolsa – galan ot-iýmler baradaky maglumatlary hem taýýarlaýar.

Ot-iýmleriň görnüşleri boýunça harçlanyşy baradaky maglumatlar, bellenen tertipde buhgalter tarapyndan ot-iýmleriň harçlanyşyny hasaba alyş Žurnalyna ýazylýar.

## OH-7 görnüş Mallary we guşlary önüm almak üçin idetmek, ösdürip ýetişdirmek we baga bakyp semretmek üçin kabul ediş-tabşyryş delilnamasy

Önüm almak maksady bilen idetmek, ösdürip ýetişdirmek we baga bakmak üçin ilata ýa-da hojalyklara berlen mallaryň we guşlaryň tabşyrlyşyny we kabul edilşini resmileşdirmek üçin ulanylýar. Her bir mal kabul ediji üçin aýratyn delilnama düzülýär. Onda mallary kabul edijiniň familiýasy, ady, salgysy, mallaryň we guşlaryň görnüşi, baş sany, diri agramy, jemi gymmaty, haýsy maksat bilen (idetmäge, ösdürmäge, semretmäge) tabşyrlandygy görkezilýär.

Delilnama iki nusgada düzülýär. Mallary tabşyryjy hojalygyň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanan delilnamalaryň bir nusgasy hojalygyň buhgalteriýasyna, ikinjisi bolsa – mallary kabul edijä berilýär.

## OH-8 görnüş Önen ýaş mallary girdeji etmek barada delilnama

Önen ýaş mallary – göleleri, jojuklary, guzylary, owlaklary, taýlary, köşekleri hem-de çagalamagy netijesinde dörän täze ary maşgalalaryny girdeji etmek üçin ulanylýar.

Delilnama fermanyň müdiri, zootehnik ýa-da brigadir tarapyndan iki nusgada ýaş mallaryň önen güni doldurylýar. Önen ýaş mallaryň her bir görnüşi, hasaba alyş topary boýunça aýratyn delilnama düzülýär.

Delilnamada mallar berkidilen kärendeçiniň (çopanyň) familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan malyň tükelleýiş belgisi ýa-da ady, önen ýaş mallaryň baş sany we agramy ýazylýar, önen ýaş mallaryň tapawutly alamatlary barada (reňki, lakamy we ş.m.) bellikler edilýär, öli doglan mallar aýratyn görkezilýär.

Işlenip taýýarlanan delilnamalar fermada zootehniki hasaby ýöretmek we Mallaryň we guşlaryň hereketini hasaba alyş depderine ýazgylar etmek üçin peýdalanylýar. Delilnamanyň bir nusgasy, onuň düzülen gününiň ertesi buhgalteriýa berilýär. Delilnamanyň Mallaryň we guşlaryň hereketini hasaba alyş depderine ýazgylar geçirmek üçin peýdalanylan nusgasy hem aýyň

ahyrynda Mallaryň we guşlaryň hereketi baradaky hasabat (OH-12 görnüş) bilen bilelikde buhgalteriýa tabşyrylýar.

Delilnamanyň maglumatlary mallaryň baş sanyny hasaba almakdan başga-da zähmet hakynyň hasabyna fermanyň işgärlerine berilmeli mallaryň sanyny kesgitlemek üçin hem peýdalanylýar.

## OH-9 görnüş Ilatdan satyn alnan mallary we guşlary kabul ediş-tabşyryş delilnamasy

Daýhan birleşikleri, kärhanalaryň kömekçi hojalyklary we beýleki hojalyklar tarapyndan ilatdan satyn alnan mallaryň kabul edilşini we olar üçin hasaplaşyklary resmileşdirmek üçin ulanylýar. Delilnama mallary kabul ediji tarapyndan düzülýär. Ol mallaryň her bir görnüşi we her bir mal tabşyryjy üçin aýratynlykda doldurylýar.

Delilnamada daýhan (fermer) hojalyklarynyň, hususyýetçileriň we beýleki tabşyryjylaryň familiýasy, ady, atasynyň ady, salgysy, olardan satyn alnan mallaryň sany, olaryň semizligi, diri agramy, bahasy, tölemäge degişli pul möçberi görkezilýär.

Delilnama hem-ä mallary girdeji etmek üçin, hem-de tabşyryjy bilen hasaplaşyklar geçirmek üçin ulanylýar. Satyn alnan mallaryň gös-göni taýýarlaýyş hojalyklaryna tabşyrlan ýagdaýlarynda, ol tabşyrlan mallar üçin taýýarlaýyş hojalyklary bilen hasaplaşyklar geçirmek üçin hem peýdalanylýar. Birinji ýagdaýda ol iki nusgada, ikinji ýagdaýda bolsa – üç nusgada doldurylýar.

## OH-10 görnüş Mallary we guşlary semretmekden, ösdürip ýetişdirmekden önüm almak üçin ulanmakdan aýyrmak barada kabul ediş-tabşyryş delilnamasy

Mallary we guşlary önüm almak üçin idetmek, ösdürip ýetişdirmek we baga bakyp semretmek bilen meşgullanýan hojalyklarda ulanylýar.

Delilnama baga bakyp semretmekden, ösdürip ýetişdirmekden aýrylan mallaryň mala seredijiden kabul edip yzyna alnyşyny resmileşdirmek üçin ulanylýar.

Resminamada mallary baga bakyp semretmek we ösdürip ýetişdirmek işleriniň netijeleri baradaky maglumatlar getirilýär, olaryň baga bakmaga tabşyrlandaky, yzyna alnandaky baş sany, agramy we artan diri agramy, şeýle hem baga bakyp semretmekden we ösdürip ýetişdirmekden aýrylan ähli mallaryň jemi gymmaty olaryň görnüşleri boýunça hasaplanyp kesgitlenilýär.

Mallaryň baga bakmaga goýlandaky ýagdaýy OH-15 görnüşde getirilýär. Delilnamada getirilen maglumatlar hojalygyň baş buhgalteri tarapyndan barlanylýar we ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanýar.

## OH-11 görnüş Mallary we guşlary bir topardan beýleki topara geçirmekligiň delilnamasy

Mallaryň we guşlaryň bir jyns – ýaş toparyndan beýleki topara, hem-de esasy sürä geçirilişini resmileşdirmek üçin ulanylýar. Bu resminama köptaraply bolup, mallaryň ähli görnüşleri we hasaba alyş toparlary boýunça peýdalanylýar.

Delilnama mallaryň bir topardan beýlekisine geçirilen güni zootehnik, ferma müdiri ýa-da brigadir tarapyndan düzülýär.

Resminamada mallaryň haýsy topardan haýsy topara geçirilýändigi, olaryň tükelleýiş belgisi, jynsy, tohumy, reňki we beýleki aýratynlyklary, doglan wagty, baş sany (eger-de mallar toparlaýyn geçirilýän bolsa), balans gymmaty, kabul edilen mallaryň seretmek üçin kime berkidilendigi görkezilýär.

Hojalygyň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanyp we fermanyň müdiriniň, zootehnigiň we mallary seretmek üçin kabul edip alan işgärleriň goly çekilip resmileşdirilen delilnamalar Mallaryň we guşlaryň hereketini hasaba alyş kitabyna ýazgylar geçirmek üçin peýdalanylýarlar.

Delilnamalar Mallaryň we guşlaryň hereketi baradaky hasabat (OH-12 görnüş) bilen bilelikde aýyň ahyrynda buhgalteriýa tabşyrylýar we mallaryň hereketini buhgalterlik hasabynda görkezmek hem-de kärendeçi çopanlar bilen hasaplaşyklar geçirmek üçin ulanylýar.

## OH-12 görnüş Mallaryň we guşlaryň hereketi barada hasabat

Ferma degişli mallaryň we guşlaryň hasabat döwründäki sanyny we hereketini görkezýän maglumatlary jemlemek üçin ulanylýar.

Hasabat fermadaky mallaryň görnüşleri we hasap toparlary boýunça fermanyň müdiri ýa-da zootehnik tarapyndan her aýda iki nusgada düzülýär. Onda mallaryň aýyň başyna hakyky bary, gireni we çykany baradaky maglumatlar olaryň esasy ugurlary boýunça aýratynlykda getirilýär. Mallaryň we guşlaryň gireni baradaky sütünlerde başga topardan, fermadan geçirleni kärhanalardan we guramalardan, ilatdan, daýhan (fermer) hojalyklaryndan we beýleki hususyýetçilerden satyn alnany, önen ýaş mallar we b-lar., çykany baradaky sütünlerde bolsa – ete tabşyrlany, ete soýlany, diri satylany, çopanlara zähmet haky üçin we huruşlyk berleni, haram öleni, bagana almak üçin soýlany we başgalar görkezilýär. Mallaryň we guşlaryň hereketini hasaba alyş kitabynyň aý üçin jemleýji maglumatlary şu hasabaty düzmek üçin esas hökmünde ulanylýar.

Hasabat “Esasy serişdeler” diýen hasapda hasaba alynýan uly mallar boýunça we “Ösdürip ýetişdirilýän we bakyp semredilýän mallar” diýen hasapda hasaba alynýan ösdürip ýetişdirilýän we semredilýän mallar boýunça aýry-aýrylykda düzülýär. Hasabat aýynyň gutarmagy bilen şu hasabatyň birinji nusgasy mallaryň hereketi baradaky beýleki ilkinji resminamalar bilen bilelikde buhgalteriýa tabşyrylýar we buhgalterçilik registrlerindäki degişli ýazgylar bilen deňeşdirmek üçin ulanylýar. Ikinji nusgasy fermada galýar.

Şu hasabatyň esasy görkezijileri boýunça getirilýän maglumatlar beýleki ilkinji resminamalaryň degişli maglumatlaryna gabat gelmelidir.

## OH-13 görnüş Mallary we guşlary esasy sürüden çykarmak barada delilnama

Haram ölen, mejbury ýagdaýlarda soýlan mallaryň we guşlaryň hem-de ähli hasaba alyş toparlaryndaky (ýaş mallar, baga bakyp semredilýän mallar, esasy sürüdäki mallar we guşlar) soýlan mallary hasaba almak üçin ulanylýar. Hojalygyň özünde soýmazdan baga bakmak we satmak üçin esasy sürüden çykarylan mallar ýörite delilnama bilen resmileşdirilýär.

Mallary çykarmak baradaky delilnama iş topary tarapyndan düzülýär, oňa fermanyň müdiri, zootehnik, weterinar lukmany we şol mallar berkidilen jogapkär kärendeçi girýärler.

Mallaryň haram ölen ýa-da mejbury soýlan ýagdaýlarynda olaryň sebäbi we keseli görkezilýär. Delilnama malyň haram ölen ýa-da soýlan güni düzülýär, hojalygyň buhgalteri tarapyndan barlanýar we hojalygyň ýolbaşçysynyň seretmegine berilýär. Hojalygyň ýolbaşçysy tassyklandan soňra ol hasaplar boýunça ýazgylar geçirmek üçin buhgalteriýa berilýär.

Mallaryň we guşlaryň aýratyn işgärleriň günäsi boýunça haram ölen (mejbury soýlan) ýagdaýlarynda degişli özara hasaplaşyklar kesgitlenen tertipde geçirilýär. Mejbury soýlan, ýa-da haram ölen mallardan alnan önümler (et, deri we ş.m.) talapnama boýunça delilnamanyň arka ýüzinde görkezilen ýere tabşyrylýar, soňra önümi kabul edijiniň goly çekilen ol talapnama şu delilnama goşulýar.

Ol önümler diňe delilnamada görkezilen maksatlar üçin ulanylmalydyr.

## OH-14 görnüş Uly guşlaryň hereketi barada hasabat

Uly guşlaryň baş sanynyň üýtgeýşi barada gündelik hasaby ýöretmek üçin ýörüteleşdirilen guşçulyk hojalyklarynda ulanylýar.

Bu hasabat 6-7 aýlyk ýaşyna ýeten uly guşlaryň her bir hasap topary üçin her gün brigadir tarapyndan doldurylýar. Onda uly guşlary idedijiniň familiýasy, ady, atasynyň ady, ýumurtga guzlaýan guşlaryň her günki hereketi (nagt bary, geleni, çykany), her günde alnan ýumurtgalaryň sany we guzlaýan bir towugyň aýlyk ýumurtga berijiligi görkezilýär.

Uly guşlaryň bir aýlyk we ýylyň başyndan bärki baş sany baradaky jemleýji maglumatlar olaryň ortaça sanyny hasaplap çykarmak üçin peýdalanylýar.

Uly guşlaryň – ene towuklaryň, hind towugynyň (indeýka), gazlaryň, ördekleriň we beýleki guşlaryň hereketi hasaba alynýan bu görnüş, olaryň hereketi baradaky degişli ilkinji resminamalaryň esasynda doldurylýar.

## OH-15 görnüş Mallaryň agramyny çekmek barada hasaba alyş sanawnamasy

Mallaryň hakyky diri agramyny kesgitlemek üçin ulanylýar.

Hasaba alyş sanawnamasy mallaryň döwürleýin we seçimleýin agramy çekilýän wagtlarynda hem-de mallaryň giren we hojalykdan çykan

ýagdaýlarynda fermanyň müdiri, zootehnik ýa-da brigadir tarapyndan mallaryň görnüşleri we hasap toparlary boýunça düzülýär.

Hasaba alyş sanawnamasynda çekilýän mallaryň çekilen günündäki agramy, öňki gezek çekilen senesindäki agramy we olaryň aratapawudy, ýagny artan ýa-da kemelen diri agramy görkezilýär. Oňa zootehnik, brigadir we mal berkidilen işgär gol çekýärler.

Hasaba alyş sanawnamasynyň mallaryň degişli toparlary boýunça agramy baradaky jemleýji maglumatlary Mallaryň we guşlaryň hereketini hasaba alyş depderine ýazylýar hem-de "Mallaryň artan diri agramyny kesgitlemegiň hasaplanyşy" diýen № OH-16 görnüşi düzmek üçin peýdalanylýar.

Mallaryň artan diri agramyny kesgitlemegiň hasaplanyşy boýunça OH-12 görnüşi düzmekde ulanylan bu hasap sanawlary "Mallaryň we guşlaryň hereketi baradaky hasabat" bilen bir wagtda buhgalteriýa tabşyrylýar.

## OH-16 görnüş Mallaryň artan diri agramyny kesgitlemegiň usuly

Mallaryň artan diri agramyny hasaplap çykarmak üçin ulanylýar. Ol Mallaryň agramyny çekmek baradaky hasap sanawynyň (OH-15 görnüş) gutarnykly görnüşidir.

Ýöne OH-15 görnüş boýunça artan diri agramy hasabat döwrüniň başyna we ahyryna bar bolan mallaryň diňe agramy çekilen baş sany boýunça, ýagny soňky gezek çekilen gününe we öňki gezek çekilen gününe hasaplap çykarmak mümkündir. Şeýlelikde şu iki senäniň aralygynda mallaryň baş sanynda bolup geçýän üýtgeşikler (mallaryň şu hasap toparyna gelmegi we şu topardan çykmagy) hasaba alynmaýar. Şonuň üçin hem degişli hasap toparlary boýunça artan umumy diri agramy kesgitlemek üçin OH-15görnüşiň maglumatlaryndan başga-da mallaryň baş sanynyň düzüminde bolup geçen üýtgeşmeleri hem (girenini, çykanyny) göz öňünde tutmak zerurdyr.

Mallaryň hereketini hasaba almak bilen olaryň artan diri agramyny kesgitlemek OH-16 görnüş boýunça geçirilýär. Onuň üçin mallaryň hasabat döwrüniň ahyryndaky agramyna, çykan (haram ölenleri hem goşmak bilen) baş sanynyň agramy goşulýar we döwrüň başyndaky baş sanynyň we hasabat döwründe gireniniň agramy aýrylýar. Şu hasaplamalaryň jemi, haram ölen mallaryň agramyny aýyrmazdan, olaryň artan umumy diri agramyny görkezýär.

Hasaplamalar zootehnik, fermanyň müdiri ýa-da brigadir tarapyndan her aýda bütin ferma boýunça we mallaryň hasap toparlary boýunça Mallaryň agramyny çekmek baradaky hasap sanawlarynyň (OH-15 görnüş) we mallaryň hereketi baradaky resminamalaryň esasynda doldurylýar. Bu görnüş mallaryň we guşlaryň hereketi baradaky hasabat bilen bilelikde buhgalteriýa berilýär we alnan artan agramy girdeji etmek, mallaryň önümliligini we maldarlar bilen hasaplaşyklar geçirmek üçin ulanylýar.

## OH-17 görnüş Süýt sagymynyň gündeligi
## OH-18 görnüş Süýt sagymynyň gündeligi

Bu gündelikler fermada saglyp alynýan süýdüň gündelik hasabyny ýöretmek üçin ulanylýar. Olar iki ýagdaýa niýetlenendir.

OH-17 görnüş boýunça gündelik ähli sagymçylar üçin her gün, OH-18 görnüş bolsa – her bir sagymçy üçin aýratynlykda bir aýlyk açylýar. Gündelikleri fermanyň müdiri, brigadir ýa-da uly sagymçy alyp barýar. Ýazgylar gündeliklerde her gün, her sagym gutarandan soň, her bir sagymçy üçin aýratynlykda, olara berkidilen sygyrlar boýunça geçirilýär. Sagylyp alnan süýdüň mukdaryndan başga-da gündeliklerde süýdüň ýaglylygy baradaky maglumatlar hem getirilýär. OH-17 görnüşde ähli sagymçylaryň sygyrlardan bir günde sagyp alan süýdiniň mukdary we pul möçberi baradaky jemleýji maglumatlar getirilýär. Sagylyp alnan süýdüň mukdary baradaky maglumatlar her gün süýt sagymynyň gündeliginden Süýdüň hereketini hasaba alyş sanawnamasyna (OH-19 görnüş) geçirilýär.

OH-18 görnüşinde bir sagymçynyň sygyrlardan bir aýda sagyp alan süýdiniň mukdary her gün üçin aýratynlykda we aý üçin jemlenip getirilýär.

Süýt sagymynyň hasabyny ýöretmek üçin bu gündelikleriň has amatlyşyny hojalyklaryň özleri saýlap alyp bilerler. Her günki sagylyp alnan süýdüň mukdary sagymçynyň we ferma müdiriniň (brigadiriň, toparyň ýolbaşçysynyň) gollary bilen tassyklanylýar. Süýt sagymyny hasaba alyş gündeligi hasabat döwriniň dowamynda fermada ýa-da brigadada saklanýar, soňra bolsa hojalygyň buhgalteriýasyna tabşyrylýar.

**OH-19 görnüş Süýdüň hereketiniň hasaba alyş sanawnamasy**

Hasabat aýy üçin süýdüň hereketi baradaky maglumatlary jemlemek üçin ulanylýar.

Hasaba alyş sanawnamasy her bir fermada (süýt kabul edilýän gullukda) aýratyn ýöredilýär. Her günki giren süýdüň mukdary we onuň esasy ugurlar boýunça harçlanyşy ilkinji resminamalaryň maglumatlary esasynda her gün hasap sanawyna girizilýär, ýagny: kärendeçilerden, hususy hojalyklardan geleni, satylany, gaýtadan işlemäge berleni, göleleri, jojuklary idetmäge harçlanany, jemgyýetçilik iýmitine goýberleni we ş.m., bir günde jemi geleni we harçlanany hem-de günüň ahyryna galany hasaplanylýar.

Hasaba alyş sanawnamasynyň ahyrky setirlerinde bir aýda giren we çykan süýdüň jemi mukdary we gymmaty görkezilýär. Hasabat aýynyň gutarmagy bilen hasap sanawynyň birinji nusgasy, ony düzmek üçin esaslanylan ilkinji resminamalar (süýdüň girişi we çykyşy boýunça) bilen bilelikde buhgalteriýa berilýär. Buhgalteriýa onuň doldurylyşynyň dogrylygyny barlaýar we süýdüň hereketiniň buhgalterlik hasabyny alyp barýar.

Hasaba alyş sanawnamasynyň ikinji nusgasy fermanyň müdiri (süýdi kabul ediji) üçin süýdi ammaryň hasap kitabynda girdeji we çykdajy etmäge esas bolup hyzmat edýär.

**OH-20 görnüş Süýdüň we süýt önümleriniň gaýtadan işlenişi barada hasaba alyş sanawnamasy**

Paýdarlar jemgyýetleriniň, daýhan birleşikleriniň, kömekçi oba hojalyklarynyň tabşyran süýdiniň we süýt önümleriniň süýt-ýag zawodynda (sehinde) ýa-da beýleki kabul ediş hojalyklarda gaýtadan işlenişiniň gündelik hasabyny alyp barmak üçin ulanylýar.

Hasaba alyş sanawnamasy kabul ediji hojalygyň zawodyň müdiri (ussasy) tarapyndan her aýda iki nusgada düzülýär. Onda gaýtadan işlemäge tabşyrlan süýt we ony gaýtadan işlemekden alnan önümler baradaky maglumatlar olaryň her bir görnüşi boýunça aýratynlykda (gaýmak, aýran, ýag we ş.m.) getirilýär.

Hasabat aýynyň gutarmagy bilen sanawyň girdeji we çykdajy resminamalary goşulan birinji nusgasy süýdüň we süýt önümleriniň gaýtadan işlenişini we hereketini buhgalterçilik hasaba alnyşynyň registrlerinde görkezmek üçin süýt tabşyran hojalygyň buhgalteriýasyna berilýär. Hasabatyň ikinji nusgasy hojalygyň önümçilik müdirinde galýar.

## OH-21 görnüş  Gyrkylyp alnan ýüňüň girişi barada gündelik

Her bir çopan brigadasyna berkidilen (kärendesine berlen) goýun sürisinden gelen gyrkylyp alnan ýüňüň gündelik hasabyny ýöretmek üçin ulanylýar. Gündeligi fermanyň müdiri, brigadir ýa-da gyrkymçylar toparynyň ýolbaşçysy ýöredýär. Gündeligiň başynda goýunlaryň tohumy, hasap topary we olaryň umumy baş sany görkezilýär. Günüň ahyrynda ýüňi kabul ediji bir günde gelen ýüňüň jemi agramyny we pul möçberini hasaplar çykarýar.

Gyrkymçylardan ýüň kabul edilip alnanda gündeligiň degişli sütünlerinde her bir gyrkymçynyň familiýasy we ady, olaryň gyrkan goýunlaryň baş sany, olardan gyrkylyp alnan ýüňüň mukdary görkezilýär. Gyrkymçylaryň we ýüňi kabul edeniň gyrkylyp alnan ýüňiň tabşyrlandygyny tassyklaýan goly çekilýär.

Gündelikleriň maglumatlary esasynda Gyrkym we gyrkylyp alnan ýüňi kabul etmek baradaky delilnamalar (OH-22 görnüş) düzülýär.

## OH-22 görnüş   Gyrkym we gyrkylyp alnan ýüňi kabul etmek barada delilnama

Goýun sürisinden gyrkylyp alnan ýüňüň kabul edilşini we hasaba alnyşyny resmileşdirmek üçin ulanylýar.

Bu delilnama Gyrkylyp alnan yüňüň girişi baradaky gündelik (OH-21görnüş) esasynda zootehnik ýa-da fermanyň müdiri tarapyndan baş çopanyň we gyrkymçylaryň ýolbaşçysynyň gatnaşmagynda düzülýär.

Delilnamada goýunlaryň tohumy, hasap topary, gyrkylyp alnan ýüňüň umumy agramy we jemi gymmaty görkezilýär. Delilnamada goýunlaryň önümliligini häsiýetlendirýän görkezijiler, ýagny, bir goýundan ortaça gyrkylyp alnan ýüň baradaky maglumatlar hem getirilmelidir.

Delilnama üç nusgada düzülýär, olardan birinjisi Gyrkylyp alnan ýüňüň girişi baradaky gündelige (OH-21 görnüş) goşulýar we ýüňi girdeji etmek üçin esas bolup durýar; ikinji nusgasy – çopanlaryň brigadirinde (baş çopanda) galýar

we kärendeçi çopanlaryň ýüňi tabşyrandyklaryna şaýatlyk edýär; üçünji nusgasy–goýunlaryň gyrkymy barada jemleýji hasabaty düzmek üçin zootehnige berilýär.

**OH-23 görnüş Inkubatora goýuljak ýumurtgalaryň hili barada delilnama**

Inkubasiýa sehindäki ýumurtgalaryň hil barlagynyň netijelerini resmileşdirmek üçin ulanylýar.

Iş toparynyň agzalary tarapyndan bir nusgada düzülýär.

Hojalygyň ammaryndan, ene guşlaryň keteklerinden, tabşyryjylardan we beýleki çeşmelerden inkubasiýa sehine gelen tohumluk ýumurtgalar, olaryň jüýje çykarmaga ýaramlylygy boýunça barlanylýar. Jüýje çykarmak üçin ýaramly ýumurtgalar, olaryň agramy, gabygynyň galyňlygy, agynyň hil derejesi, pigmentleriň emele gelşi boýunça toparlara bölünýär we inkubatora goýmak üçin hil görkezijileri boýunça ýörite gaplara (gapyrjaklara) ýerleşdirilýär. Harytlyk (azyklyk) we jüýje çykarmak üçin ýaramsyz ýumurtgalar (çyzylan, döwülen, gan öýen we b.) satmak ýa-da tabşyryja gaýtaryp bermek üçin ammara tabşyrylýar. Jüýje çykarmaga we azyk hökmünde ulanmaga ýaramsyz, ýöne ot-iým üçin peýdalanyp boljak ýumurtgalar delilnamada aýratyn setirde görkezilýär. Ýumurtgalar san we pul möçberinde görkezilýär.

Delilnama inkubasiýa sehiniň başlygy we iş toparynyň beýleki agzalary gol çekýärler, hojalygyň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanandan soňra ol buhgalter hasabynyň degişli ýazgylaryny geçirmek üçin buhgalteriýa berilýär.

**OH-24 görnüş Inkubatorda jüýje çykarylyşy barada hasabat**

Inkubatorda jüýje çykarmak boýunça işleriň hasabyny ýöretmek üçin ulanylýar.

Hasabat inkubasiýa sehiniň başlygy tarapyndan iki nusgada ýumurtgalaryň hereketi we çykarylan jüýjeler baradaky ilkinji resminamalaryň esasynda düzülýär. Inkubatora ýumurtga goýmaklyk, hasabatda olaryň goýlan her bir senesi boýunça aýratynlykda getirilýär. Şunlukda, jüýje çykarmak üçin her gezekki goýlan ýumurtgalaryň sany hem-de goýlan ýumurtgalaryň günüň (aýyň) başyna galan umumy sany görkezilýär. Jüýje çykarmak üçin goýlan ýumurtgalaryň her bir toparyna hemişelik belgi berilýär. Hasabatda hili boýunça goýumdan aýrylan ýumurtgalar baradaky maglumatlar, ýagny: birinji barlagda – tohumlaşmadyklary, gan öýenleri, döwülenleri; ikinji barlagda – sowuk uranlary (doňanlary), döwülenleri, görkezilýär. Şu maglumatlaryň esasynda goýlan ýumurtgalaryň her bir topary boýunça günüň (aýyň) ahyryna galan sany hasaplanyp çykarylýar. Hasabatyň ahyrynda sagdyn we gowşak çykan jüýjeler baradaky maglumatlar getirilýär, jüýje çykyşynyň (gowşaklaryndan başga) deslapky derejesi, soňra bolsa – gowşaklaryndan goşmaça girdeji edilenleri we jüýje çykyşynyň gutarnykly netijeleri kesgitlenýär.

Çykan jüýjeler talapnama boýunça ösdürip ýetişdirilýän sehe geçirilýär.

Hasabata inkubasiýa sehiniň başlygy, uly operator, operatorlar gol çekýärler, hojalygyň ýolbaşçysy tassyklandan soňra onuň birinji nusgasy beýleki

esaslandyryjy resminamalar bilen bilelikde buhgalteriýa tabşyrylýar, ikinjisi – inkubasiýa sehinde galýar.

## Gurluşyk maşynlary boýunça

### GM-1 görnüş Başnýa görnüşli kranyň işi barada hasabat

Demir ýollardan ýöreýän, özi ýöreýän, portal, stasionar we başnýaly kranlaryň sagatlaýyn tölegli işlerini hasaba almak üçin ýöriteleşdirilen guramalarda ulanylýar we maşyn sürüjilere iş haky bellenende zerur bolan ilkinji maglumatlary almak üçin esasy resminamadyr. Hasabat mehanizmleşdiriş dolandyryşynyň ygtyýarly işgäri ýa–da prorab tarapyndan her ongünlige bir nusgada ýazylýar we başnýaly krany sürüjiler ony her gün dolduryarlar.

Hasabat üç çalşykly düzgünde işleýän başnýa kranynyň dört maşyn sürüjisiniň işi baradaky maglumatlary görkezmek üçin niýetlenendir. Başnýaly kranda işi dowam etdirjek dördünji maşyn sürüjiniň ady we atasynyň ady ýarawsyzlygy, rugsatda bolmagy ýa-da ş.m. sebäplere görä işe çykmadyk bir maşyn sürüjini çalşan ýagdaýynda ýazylýar. Ondan soňky çalyşmalarda täze hasabata ýazylýar.

Ýerine ýetirilen işleriň möçberi baradaky görkezijiler kadalary kesgitlemäge çäk we hasaplar geçirmäge jogapkär şahs tarapyndan, işleriň her bir bölegi ýa-da görnüşi boýunça ýerine ýetirilen işleri ölçemek arkaly we kesgitlenen bir bütewi kadalar we nyrhlar esasynda doldurylýar.

Kranyň iş netijelerini we işsiz durmalaryny hem-de maşyn sürüjileriň işine nägilelikleri sargytçy özüniň goly we möhürçesi bilen tassyklaýar.

Resminama doldurylanda maşyn eýesiniň we sargytçynyň günäsi boýunça ýüze çykan işsiz durmalary görkezmek üçin aşakda getirilen kodlary ulanmak maslahat berilýär.

Maşyn eýesiniň günäsi boýunça:

| | |
|---|---|
| maşynyň näsazlygy | - 01 |
| tehniki hyzmat etmek | - 02 |
| göz öňünde tutulmadyk abatlaýyş | - 03 |
| ýangyç-çalgy materiallarynyň bolmazlygy | - 04 |
| täze ýere geçirmek we gaýtadan enjamlaşdyrmak | - 05 |
| maşyn sürüjiniň bolmazlygy | - 06 |

Sargytçynyň günäsi boýunça:

| | |
|---|---|
| materiallaryň bolmazlygy | - 07 |
| iş geriminiň bolmazlygy | - 08 |
| içki kiçi ýollaryň bolmazlygy | - 09 |
| güýçli energiýanyň we ýşygyň bolmazlygy | - 10 |
| ulag serişdeleriniň ýetmezçiligi | - 11 |

beýleki işsiz durmalar - 12

Ongünlügiň ahyrynda maglumatnama maşyn sürüjiler, kadalary kesgitlemäge we hasaplar geçirmäge jogapkär wezipeli işgärler, prorab, bölümiň başlygy tarapyndan gol çekilýär we buhgalteriýa berilýär.

Ýöriteleşdirilen kärhananyň balansynda hasapda durýan başnýaly kranlaryň işi GM-6 görnüş boýunça resmileşdirilýär.

**GM-2 görnüş Gurluşyk maşynyň ýol haty**

Awtomobil ýoreýişli gurluşyk maşynlarynyň sagatlaýyn tölegli geçirýän işlerini hasaba almak üçin ýöriteleşdirilen guramalarda ulanylýar, hem-de hyzmat edýän işgärlere iş haky bellenende zerur bolan ilkinji maglumatlary almak üçin esasy resminamadyr. Ýol haty ugrukdyryjy (dispetçer) ýa-da ynanylan şahs tarapyndan bir nusgada ýazylýar we bir tapgyr üçin, bir günlük ýa-da ongünlük berilýär. Gurluşyk maşynynyň gitmegini we gaýdyp gelmegini ugrukdyryjy, mehanik, maşyn sürüji resmileşdirýär.

Gurluşyk maşynynyň iş netijeleri we işsiz durmalary baradaky maglumatlar ýol hatynyň arka ýüzinde görkezilýär we sargytçynyň goly we möhürçesi bilen her gün tassyklanylýar. Ýol hatynda işsiz durmalaryň GM-1 görnüş üçin getirilen kodlaryny ulanmak maslahat berilýär.

Düzülip taýýarlanan ýol haty maşyn sürüji, prorab, mehanizmleşdiriş dolandyryş edarasynyň bölüm başlygy, kadalary kesgitlemäge we hasaplar geçirmäge jogap berýän wezipeli şahs tarapyndan gol çekilenden soňra buhgalteriýa berilýär.

**GM-3 görnüş Gurluşyk maşynyň sagatlaýyn işi barada hasabat**

Gurluşyk maşynynyň (mehanizmiň) sagatlaýyn tölegli ýerine ýetirýän işlerini hasaba almak üçin ýöriteleşdirilen guramalarda ulanylýar we hyzmat edýän işgärlere iş haky bellenende zerur bolan ilkinji maglumatlary almak üçin esasy resminamadyr. Hasabat kesgitlenen kadalara we hasaplara jogap berýän wezipeli şahs, prorab ýa-da ynanylan işgär tarapyndan bir nusgada ýazylýar.

Ýangyç-çalgy materiallarynyň berilmegi ýangyç guýujynyň ýa-da maşyn sürüjiniň (eger-de ýangyç üçin talon alnan bolsa) goly bilen tassyklanylýar. Galan ýangyçlaryň tabşyrylmagy jogapkär işgärleriň goly bilen resmileşdirilýär.

Gurluşyk maşynynyň iş netijeleri we işsiz durmagy maglumatnamanyň arka ýüzinde görkezilýär we sargytçynyň goly we möhürçesi bilen her gün tassyklanylýar. Işsiz durmalaryň GM-1 görnüş üçin getirilen kodlaryny ulanmak maslahat berilýär.

Ongünligiň ahyrynda hasabat maşyn sürüji, prorab, bölümiň başlygy we hasaplamalara jogap berýän wezipeli şahs gol çekýärler, soňra ol buhgalteriýa tabşyrylýär.

**GM-4 görnüş Gurluşyk maşynyň potratlaýyn işi barada hasabat**

Mukdar görnüşinde ölçelýän potratçylyk işlerine berilen tabşyrygyň ýerine ýetirilişini resmileşdirmek we hasaba almak üçin balansynda gurluşyk maşynlary (mehanizmleri) bolan ýöriteleşdirilen guramalarda ulanylýar we hyzmat edýän işgärlere iş haky bellenende zerur bolan ilkinji maglumatlary almak üçin esas bolup durýar.

Ýerine ýetirilen işleriň hasaplamalaryny geçirmäge jogapkär wezipeli şahs ýa-da ygtyýarly edilen işgär tarapyndan bir nusgada ýazylýar we maşyn sürüjilere ýerine ýetirmeli işleriniň bütin döwrüne berilýär. Hasabat diňe bir sargytça doldurylýar.

Işleriň we önümçilik şertleriniň beýany hem-de tabşyrygyň ýerine ýetirilişiniň hasaby görnüşiň arka ýüzünde görkezilýär.

Işleriň gurluşyk maşynlary (mehanizmler) tarapyndan ýerine ýetirilişi sargytçynyň goly we möhürçesi bilen tassyklanylýar.

Ýerine ýetirilen işler gurluşyk maşyny balansynda duran kärhananyň jogapkär işgäri tarapyndan hem tassyklanmalydyr.

Doldurylan hasabat hasaplamalara jogapkär wezipeli şahs, prorab, bölümiň başlygy tarapyndan gol çekilýär we buhgalteriýa berilýär.

## GM-5 görnüş Gurluşyk maşynyň işini hasaba alyş karty

Gurluşyk maşynlarynyň (mehanizmleriniň) işlän wagtyny almak üçin maglumatlar el güýji bilen işlenip taýýarlananda hem-de ýerine ýetirilen işleriň möçberini hasaba almak üçin ulanylýar. Kagyz bir nusgada ýöredilýär we GM-1, GM-2, GM-3, GM-4 görnüşleriň esasynda doldurylýar.

Göz öňünde tutulyp ätiýaçlyk üçin geçirilýän abatlaýyş işleri we ş.m. bilen baglanyşykly bütin günläp uzak wagtlaýyn işsiz durmalar bir umumy setirde ýazylýar.

Görnüşiň blankalary çaphana usulynda taýýarlananda, olar degişli kagyzda depderçe görnüşinde tikilip bilner.

## GM-6 görnüş Gurluşyk maşynlarynyň işini hasaba alyş žurnaly

Uly we kiçi gurluşyk maşynlarynyň (mehanizmleriniň) her günki işini hasaba almak we olara gözegçilik etmek üçin ulanylýar. Žurnal gurluşyk maşynlaryny sargan guramada we balansynda gurluşyk tehnikasy bar bolan guramalarda ýöredilýär. Žurnal gurluşyk bölüminiň proraby tarapyndan doldurylýar.

## GM-7 görnüş Ýerine ýetirilen işler (hyzmatlar) üçin hasaplaşyklar geçirmek boýunça tassyknama

Kärhananyň sargytçylar bilen hasaplaşyklar geçirmegi üçin we gurluşyk

maşynlarynyň (mehanizmleriniň) ýerine ýetiren işlerini (hyzmatlaryny) tassyklamak üçin ulanylýar.

Gurluşyk maşynynyň (enjamyň) işi baradaky her bir maglumatnama (ýol hatyna) aýratyn tassyknama ýazylýar. Sargytçynyň we işleri (hyzmatlary) ýerine ýetiriji kärhananyň wekilleri tarapyndan ýol hatynyň (GM-2 görnüş) ýa-da maglumatnamalaryň (GM-1, GM-3 görnüşler) maglumatlary esasynda bir nusgada düzülýär.

Tassyknama sargytçynyň möhüri bilen tassyklanýar we ol töleg üçin sargytça berilýän resminama goşundy hökmünde peýdalanmak üçin kärhananyň buhgalteriýasyna tabşyrylýar.

Işleriň (hyzmatlaryň) gymmaty sargytçynyň, işleri ýerine ýetiriji bilen hasaplaşyklar geçirýän şertnama bahalarynda görkezilýär.

## Ulag boýunça

### U-1 görnüş Ýüküň ýan haty

Ätiýaçlyklaryň hereketini we olaryň awtomobil ulagy bilen daşalandygy üçin geçirilýän hasaplaşyklary resmileşdirmek üçin ulanylýar.

Bu görnüşde daşamak üçin goýberilen harytlar - ýükler we awtomobil ulagynyň işi baradaky maglumatlar getirilýär.

Harytlar baradaky maglumatlar ýük ugradyjylaryň we ýüki kabul edijileriň özara gatnaşyklaryny kesgitleýär we ätiýaçlyklary hasapdan çykarmak üçin ýük ugradyjylara we olary girdeji etmek üçin ýüki kabul edijilere hyzmat edýär.

Awtoulag baradaky maglumatlar awtoulagy sargyt eden ýük ugradyjylar bilen ýükleri daşamagy berjaý eden awtoulag guramalarynyň özara gatnaşyklaryny kesgitleýär. Bu bölümiň maglumatlary ýerine ýetirlen ulag işlerini hem-de ýük ugradyjylaryň (ýa-da ýüki kabul edijileriň) ýük daşamak boýunça özlerine edilen hyzmatlar üçin awtoulagyň eýesi guramalary bilen görkezmek üçin ulanylýar.

Ýüki awtomobil ulagy bilen daşamaga ýazylýan bu görnüş ýük ugradyjy tarapyndan ýüki kabul edijiniň her biri üçin aýratynlykda awtoulagyň her - bir gatnawyna düzülýär. Şunuň bilen birlikde görnüşiň hemme görkezijilerini doldurmak hökmandyr.

Ýükleriň demir ýol menzillerinden, gämi duralgalaryndan, portlardan merkezleşdirilip äkidilýän ýagdaýlarynda, ýük daşamak şol guramalaryň işgärleri bilen bilelikde düzülýän ýüküň ýanhaty bilen resmileşdirilýär.

Haçan-da bir awtomobilde bir wagtda bir näçe ýükler bir ýa-da bir näçe alyjylar üçin daşalýan ýagdaýlarynda bu görnüş ýüküň her bir tapgyryna we her bir ýük kabul edijä aýratynlykda ýazylýar.

Ýüküň ýan haty 3 nusgada düzülýär, oňa iberiji we ýük daşaýjy tarapyndan gol çekýär: birinji nusgasy – ýük ugradyjyda galýar we ätiýaçlyklary hasapdan çykarmak üçin ulanylýar; ikinji nusgasy – ýük ugradyjynyň gollary we möhüri (möhürçesi) we sürüjiniň goly bilen ýüküň ýanyna goşulýar we ol sürüji

tarapyndan ýüki kabul edijä tabşyrylýar we ätiýaçlyklaryň ýük alyjy tarapyndan girdeji edilmegi üçin ulanylýar; üçünji nusgasy – ýüki kabul edijiniň gollary we möhürleri (möhürçeleri) bilen tassyklanyp ýük daşaýjy özünde galdyrýar.

### U-2 görnüş Ýeňil awtoulagyň ýol haty

Ýeňil awtoulagyň işini hasaba almak we sürüjiniň iş hakyny hasaplap çykarmak boýunça ilkinji resminamadyr.

Ugrukdyryjy (dispetçer) ýa-da ygtyýarly işgär tarapyndan bir nusgada ýazylýar. Ýol haty diňe bir gün ýa-da bir tapgyr üçin güýçlidir. Has uzak möhlet üçin ol, haçan-da sürüji iş saparynda bolup tabşyrylan ýumuşlary bir gije-gündizden (tapgyrdan) köp wagtyň dowamynda ýerine ýetirýän ýagdaýynda berilýär.

Ýol hatynda tertip nomeriniň, ýol hatynyň berlen senesiniň we awtoulaga eýeçilik edýän kärhananyň möhürçesiniň we möhüriniň goýulmagy hökmandyr.

### U-3 görnüş Ýörite awtoulagyň ýol haty

Ýörite awtoulagyň işlerini hasaba almagyň esasy ilkinji resminamasy hökmünde sürüjiniň iş hakyny hasaplap çykarmak üçin esas bolup hyzmat edýär.

Görnüş tabşyryklaryň diňe iki sargytçyda ýerine ýetirilmegine niýetlenendir we diňe bir gün (tapgyr) üçin güýçlidir. Ugrukdyryjy (dispetçer) ýa-da şoňa ýgtyýarly edilen işgär tarapyndan bir nusgada ýazylýar we sürüjä öňki ýol hatynyň gaýtaryp tabşyrlan şertlerinde, dil haty esasynda berilýär.

Ýol hatynda onuň berlen senesiniň we awtoulaga eýeçilik edýän kärhananyň möhürçesiniň we möhüriniň goýulmagy hökmandyr.

“Awtoulagyň iş netijesi” diýen bölüm şu işe jogap berýän şahslar tarapyndan doldurylýar.

“Aýratyn bellikler” diýen bölümde “Sürüjä tabşyryk” diýen bölümde görkezilen tabşyrygyň üýtgemegi baradaky maglumatlar, ýüküň ýany bilen ugratmaga gidýänler baradaky we ş. m. maglumatlar getirilýär.

Ýol hatynyň ýyrtylyp aýrylýan talonlary ýörite awtoulaga eýeçilik edýän gurama tarapyndan doldurylýar we edilen işler üçin sargytça hasap bildirmäge esas bolup hyzmat edýär.

### U-4 görnüş Ýeňil taksiniň ýol haty

Ýeňil taksiniň işini hasaba almak boýunça ilkinji resminamadyr we sürüjiniň iş hakyny hasaplap çykarmak üçin esas bolup durýar.

Kärhananyň ugrukdyryjysy (dispetçeri) tarapyndan bir nusgada ýazylýar we sürüjä berilýär. Sürüjä berilýän ýol hatynda onuň tertip nomeri, berlen senesi goýulmalydyr we ýeňil taksiniň eýesi bolan kärhananyň (edaranyň) möhürçesi bolmalydyr. Sürüji her gün iş gününiň başlanmazynyň öň ýanynda ýol hatyny

alýar we tapgyryň (iş gününiň) gutarmagy bilen ony ugrukdyryjy gullugyna gaýtaryp berýär.

## U-5 görnüş Ýük awtoulagynyň ýol haty
## U-6 görnüş Umumy ähmiýetde peýdalanylmaýan ýük awtoulagynyň ýol haty

Ýük awtoulagynyň bu ýol hatlary haryt-ulag hatlary bilen bilelikde, ulaglaryň we sürüjileriň harytlyk ýükleri daşamakda eden işlerini hasaba almak hem-de sürüjiniň iş hakyny hasaplap çykarmak we daşalan ýükler üçin hasaplaşyk geçirmek üçin gerekli görkezijileri kesgitleýän esasy ilkinji hasaba alyş resminamasydyr.

U-5 görnüş awtoulagyň ýük daşamak işiniň potratlaýyn nyrhlar boýunça tölenýän şertlerinde ulanylýar hem-de awtoulagyň işiniň wagt boýunça kesgitlenen nyrhlarda (tarif) tölenýän we sürüjiniň bir iş gününiň (tapgyryň) dowamynda bir wagtda ikä çenli sargytçynyň ýüküni daşamagy göz öňünde tutulan ýagdaýlarynda ulanylýar.

Ýol hatynyň ýyrtylyp aýrylýan talonlary sargytçy tarapyndan doldurylýar we awtoulaga eýeçilik edýän kärhananyň sargytça hasap (töleg talapnamasyny) bildirmegi üçin esas bolup hyzmat edýär.

Hasabyň ýanyna degişli ýyrtylyp aýrylýan talon goşulýar. Ýol haty awtoulaga eýeçilik edýän guramada galýar, onda awtomobiliň sargytçyda işlän wagty baradaky bir meňzeş ýazgylar gaýtalanýar we awtomobiliň iş gününiň dowamyndaky işini hasaba almak üçin hyzmat edýär.

Haçan-da, ätiýaçlyklar awtomobiliň işine wagt boýunça tölenip daşalan ýagdaýynda, ýol hatyna haryt-ulag resminamalarynyň nomerleri ýazylýar we şol haryt-ulag resminamalarynyň bir nusgasy goşulýar. Şolaryň jemleri boýunça ýol hatynda daşalan ýükleriň tonna mukdary we awtomobiliň we sürüjiniň işi baradaky beýleki görkezijiler getirilýär.

Ýol hatyny, entek ol sürüjä berilmänkä doldurmak, kärhananyň ugrukdyryjysy ýa-da oňa ygtyýarly edilen şahs tarapyndan geçirilýär. Ýol hatynyň galan maglumatlaryny awtoulaga eýeçilik edýän gurama we sargytçylar dolduryarlar.

U-5 görnüşi şürüjä ygtyýarly şahs tarapyndan, onuň geçen iş gününiň ýol hatyny gaýtaryp beren şertlerinde, dil haty esasynda diňe bir iş gününe (tapgyryna) berilýär.

Ýol hatynda onuň sürüjä berlen senesiniň, awtomobiliň degişli guramasynyň möhürçesiniň we möhüriniň bolmagy hökmandyr.

Ýol hatynyň dogry doldurylmagy üçin jogapkärçiligi guramalaryň ýolbaşçylary, hem-de ýük awtomobilleriniň ulanylyşyna jogap berýän we resminamany doldurmaga gatnaşýan şahslar çekýärler.

Guramada ýol hatlary, olary bir wagtda barlamaga ýa-da deňeşdirmäge mümkünçilik berýän haryt-ulag resminamalary bilen bilelikde saklanylýar.

U-6 şäherara we halkara görnüş ýükleriň awtoulaglar bilen şäherara we halkara ýollarynda daşalýan ýagdaýlarynda peýdalanylýar. Bu görnüş ýükleriň

bir gije-gündizden artyk wagtyň dowamynda daşalýan şertlerinde doldurylýar we sürüjä berilýär.

## U-7 görnüş Awtobusyň ýol haty

Awtobusyň işini hasaba almak boýunça we sürüjiniň iş hakyny hasaplap çykarmak üçin esas hökmünde ulanylýan ilkinji resminamadyr. Sürüjä berilýän ýol hatynda tertip nomeriniň, berlen senesiniň we awtobusyň degişli guramasynyň möhürçesiniň bolmagy hökmandyr.

Awtobus, ýangyjyň harçlanyşy we sürüjilere tabşyryklar baradaky ähli maglumatlar ýol hatyna ugrukdyryjy we mehanik tarapyndan ýazylýar.

Görnüş şäher we şäherýaka ýollaryna berkidilen awtobusyň işini hasaba almak üçin ulanylýar.

## U-8 görnüş Umumy ähmiýetde peýdalanylmaýan awtobusyň ýol haty

Ýol haty ýolagçylary gatnatmak boýunça umumylykda peýdalanylmaýan awtobusyň işlerini hasaba almak boýunça esasy ilkinji resminamadyr.

Görnüş ugrukdyryjy tarapyndan bir nusgada ýazylýar we öňki ýol hatynyň gaýtaryp tabşyrylan şertlerinde, sürüjä dil haty esasynda berilýär.

Ýol haty diňe bir güne ýa-da tapgyra güýçlidir. Resminamada onuň berlen senesiniň, awtobusyň degişli guramasynyň möhürçesiniň we möhüriniň goýulmagy hökmandyr. Ýol haty diňe bir kärhananyň sargydyny ýerine ýetirmek üçin resmileşdirilýär.

“Awtobusyň işiniň netijesi” diýen bölüm şu işe jogap berýän şahslar tarapyndan ýol hatlary işlenip taýýarlanylýan wagty doldurylýar.

## U-9 görnüş Ýol hatlarynyň hereketini hasaba alyş žurnaly

Sürüjä berlen ýol hatlarynyň hereketine we işlenip taýýarlanan ýol hatlarynyň buhgalteriýa tabşyrylyşyna gözegçilik etmek üçin awtoulag guramasynda ulanylýar.